# DEMYRGAZYK TÜRKMENYSTANDA,

# JÜNEÝET HANYŇ ÝOLBAŞÇYLYGYNDA

# RUS BASYBALJYLARA GARŞY GÖREŞLER

**ARNE GOLI**

**2016**

***Bu işiň zähemeti, Türkmenleriň erkinligi ugrunda bütin ömrüni güýjüni hem gaýratyny gaýgyrmadyk, milli serdarymyz Jüneýt hanyň ýagty hatyrasyna bagyşlanýar.***

*Taryhçy alym A. Goli bu ylmy-barlag işinde, Jüneýt hanyň göreş ýoluna syn edip, hanyň erkinlik ugrundaky söweşleri bilen bagly dürli döwletleriň arşiwlerinde, kitaphanalarynda we ylmy merkezlerinde saklanýan dokumentleri, ýazylan monografiýalary, makalalary ýygnap, ilkinji gezek bu göreşler dogrusynda analiz esasynda, dolurak hem kämilräk maglumat bermäge synanşýar. Bu eseriň göwnüňizden turjagyna ynanýarys.*

Kitabyň ady:
Demirgazyk Türkmenistanda Jüneýt hanyň ýolbaşçylygynda rus basybaljylara garşy göreşler
Ýazan: Arne Goli
Ýaýan:................
Çaphana:...............
çap bolan ýyly:
ISBN:

## Içindäkiler

Giriş -------------------------------------------------------------------------------------5

### Jüneýt hanyň 60 ýyllyk göreş ýoluna syn!

Jüneýt hanyň Hywa hanyna garşy göreşi -------------------------------------------10
Jüneýt hanyň Horezm bolşewiklerine garşy göreşi --------------------------------18
Jüneýt han we Enwer paşa ------------------------------------------------------------24
Göreşler we jeza çäreleri --------------------------------------------------------------26
Jüneýt han iňlis döwletiniň içalysymydy? ------------------------------------------37
Jüneýt han we Gaýgysyz Atabaýew ---------------------------------------------------40
Jüneýt han Türkmensährada (Eýranda)--------------------------------------------56
Jüneýt hanyň Owganystandaky durmuşy! ----------------------------------------64
Jüneýt han we Eziz han ------------------------------------------------------------------69
Jüneýt han we bagşy Magtymguly Garly -----------------------------------------70
Jüneýt hanyň aradan çykmagy-------------------------------------------------------71
Jüneýt hanyň göreşeniň täsiri ---------------------------------------------------------73

### Garagumdaky göreşň gaýtadan möwç almagy

Dele (gazanjyk) ýomutlarynyň gyrgynçylygy --------------------------------------77
Kelete Goňur gyrgynçylygy --------------------------------------------------------------81

### 1937-1938— nji ýyllardaky gyrgynçylyklar

“Türkmen azatlygy” guramasy; ---------------------------------------------------------83
Goşmaçalar----------------------------------------------------------------------------------92
Ulanylan çeşmeler ------------------------------------------------------------------------103

*“Daglarymyzda köpdür şir u peleňler,*
*Zarbymyzy barha görendir ganymlar,*
*Ýazandyrys taryhda şan u şöheratlar,*
*Ýene haýkyryp, haýbatlanjak bala men.”*
*A. Goli*

## Sözbaşy

Taryh Türkmenlere gazaply bakdy. Her bir taryhy döwürde, her bir ösüş tapgyrda, Türkmen halky birleşip, kesgitli ösüş formasyna eýe bolup başlanda, daşky güýçler, uly wakalar ony başlangyjjynda bogdy. Bu diňe1917-nji ýyldan ozalky döwürde, Türkmenleriň rus patyşasyna garşy göreşler we 30-40 ýyllap koloniýal zulumy astynda galmagyna we Türkmenistanda1917-nji ýyldan soňky wakalara degişli bolman, şonuň ýaly-da 1929-njy ýylda başlanan mejbury kollektiwleşdiriş/kolhoz gurluşygy bilen baglanşykly wakalara hem degişlidir. Türkmenler, ynkylap ugrundaky göreşler we grajdanlyk /içerki urşy ýyllarynda, açlyk we bosa-bosluklardan dyýnyp, ýaňja gurlan Türkmenistan döwletine birigip we parahatçylykly gurluşyk döwrüne geçip başlan bir wagtynda, bu gezek oba hojalygy mejbury kollektiwleşdiriş we şonuň esasynda baý-kulaklary synpy göreş esasynda ýok etmek syýasaty, tutuş durmuşyny we ýurdunyň ykdysadyýetini düýpli çaýkady, şol sanda Türkmen jemgiýetçilik-syýasy ösüşini 40-50 ýyl gaýra saldy. Emma beýle ýagdaýa boýun egmedikler, oňa garşy göreşenlerem az bolmandy. Şolardan Jüneýt hanyň ýolbaşçylygyndaky umumy demirgazyk Türkmenistandaky gozgalaňa nazar aýlaýarys.

Hala patyşa hökümeti bolsun ýa-da boleşewizm bolsun, olaryň koloniýal, ezijilik syýasatyna garşy Jüneýt han ýaly göreşen başga bir görnükli şahsyýeti agzamak ýeňil däldir. Häzir bu güne çenli Sowet-şurewi döwrüniň resmi ylmy ol barada köpsanly işleri ýazmak bilen, ony ganhor, jellat, Britan emprializminiň dikmesi, öz halkynyň ganym duşmany hasaplap geldi, bularyň bary halkyň Jüneýt han baradaky pikirine çapraz gelýärdi. Totalitar hem proletariýat diktaturasy ýyllarynda kemala gelen Sowet taryh ýazgysy

oňa synpy taglymatyň nuktaý nazaryndan garaýardy, onuň patyşa gudratyna, rus basybaljylyk syýasatyna garşy eden erjel göreşleri hem çykyşlaryny progressiw, ösüş hasaplasa-da, Sowet häkimiýetine garşy göreşini jenaýatçylykly herekti saýýardy. Hut şol resmi propaganda hem halkyň iňlis interwentlerine we rus ak_guwardyýaçylaryna (tagtdan agdarylan patyşa emeldarlaryna) garşy alyp baran göreşine watançylyk, partizançylyk hereketi hökmünde baha berýärdi, haçanda şol halk, bolşewikleri keseden gelen basybalyjylar hasaplap, olara garşy baş galdyranlarynda bolsa, muny "basmaçylyk", "banditçilik" (galtamançylyk) diýip, häsýetlendirýärdi, ýogsam, şol ideologiýadan azat bolan Eziz han, Hojaguly han, Jüneýt han we milli garşylyk görkezişiň beýleki liderleri, ýolbaşçylary üçin "ak" orsmy, "gyzyl" orsmy ýa-da deňziň aňyrsyndan ýurt aşyp gelen iňlismi tapawudy ýokdy. Olaryň hemmesi gelmişklerdi, başga maksatly adamlardy, basybalyjylardy, niýet-pälleri düzüw däldi. Jüneýt han halkyň erkini aňladyp, gozgalaňçylaryň hereketine ýolbaşçylyk edýär. şol herekete bolsa rus kolonizatorlaryndan, basybaljylaryndan, rus patyşasyndan garaşsyz bolmaga ymtylmakdan, oktiýaber ynkylapyndan soň bolsa Türkmen daýhanlaryny zorluk bilen kollektiwleşmäge çekmeklige bildirilen garşylykdan gelip çykypdy, sebäbi kollektiw hojalyga geçmek olaryň durmuşyna, milli gylyk-häsiýetine mahsus bolan köp asyrlyk däp-dessuryny we edim-gylymlaryny depgileýän keseki ýaşaýyş sistmasyny daýhanlaryň boýnuna dakýardy. Ynsnyň tebigaty şeýle: ol ideologiýadan, maddylaşdyrylmadyk ideýalardan öz ojagyny, ene topragyny, watanyny has gowy görýar. Jüneýt han hem şeýle adam bolupdyr, üstesine-de ol häkimlik etmgi-de halapdyr hem-de her edip, hesip edip ony ele aljak bolup dyrjaşypdyr. Sowet nesilleriniň birnäçesiniň aňynda Jüneýt han "Garagumuň ýowuz ýyrtyjysy", awanturist, talaňçy, ganhor we iňlis jansyzy/jasusy, Hywanyň ozalky hökümdary, ýeňlişini boýun alyp bilmän, "täze durmuşy" kabul etmän, ar almak duýgusy bilen Sowet hökümtine garşy göreşen, ol sebäpli-de talaňçylyk etmek hem-de öldürmek üçin "basmaçy toparlary" jemlän adam hökmünde galandyr.

Jüneýt hanyň Türkmenistanyň erkinligi ugrundaky göreşlerine elbette rus Bolşewikleri gara tegmil edip görkezdiler, bu geň bir zat däl, ýöne şularyň

ideologiýasyna eýeren Türkmenistanyň belli ýazyjylary, Türkmenistanyň ýazyjylar birleşigi guramasyna ýolbaşçylyk eden Rahym Esenowlariň[1], Beki Seýtäkowlaryň, Gylyç Kulyýewleriň... bu milli göreşleriň üstünden atanak çekmekleri we ony ýazgarmaklary diýseň geň. Diýmek, bular “telpek diýseler, baş getirýänlerden” bolup çykdylar.

Han Jüneýdiň göreş alyp baran döwri hem gaty çylşyrymly bolupdy. Bir tarapdan heniz “ak patyşanyň” goşunlarynyň jeza_beriji ekespetdisýasynyň döken ganlary guramanka, Fon_Kaufman’yň, Skoblew’iň, Kurupatkin ýaly rus generallarynyň külli Türkmen topragyny gana çaýkanyndan salym geçmänkä bu gezek Türkmen ülkesi “aklar”(patyşnyň tarapdarlary) bilen “gyzyllaryň” (bolşewik komunistleriniň) özara çaknaşyklaryna (grajdanlyk urşa) şaýat boldy. Bu göreşde haýsy tarapda dursaňam eýýäm sen öz halkyň ganym duşmany bolup çykýardyň. Edil çaşyň gözüne ser edilişi ýaly, edil ümrüň içinde ýörän ýaly, edil salgyma suw diýip ylgaşylşy ýaly... şeýle gapma-garşylykly döwrde hak ýoluny saýlap almaga ner kibi kükräp duran batyrlar gerekdi, Jüneýt han bolsa dogry ýoly, il ýoluny saýlap almagy başarypdy.

Eliňizdäki bu iş, şu mahala çenli demirgazyk Türkmenistanda han Jüneýdiň göreşi dogrusynda ýazylan esrleriň jemleýjisi diýsek, ýalňyş bolmaz. Biz bu işimiz üçin, Türkmenistanyň döwlet taryh arşiwinden, Orsýetdäki, Türkiýedäki, Ýewropadaky we Eýrandaky kitaphanalardan matriallar ýygnadyk, halkyň arasynda Jüneýt hany tanaýanlar bilen söhbtdeş bolup, gören-eşidenlerini, bar bolan rowaýatlary ýygnap, olary doly analiz galbyryndan geçirnimizden soň peýdalandyk. Esasanam professor Gaýyp Nepesowiň ýazan gymmatly eseri— şol işi üçin hem Staliniň repressiýasyna duçar bolan— kitapyndaky faktlardan peýdalandyk.[2]

Soňky döwrde Türkmenistanly ýaş taryhçylarymyz Sowet döwrürindäki wakalary täzeden analiz edip oňat neteijeler çykarmagy başaryp gelýärler. Olaryň işleri dürli internet saýtlarda ýerleşdirilýär. Şolardan birisi hem

1 Rahym Esenow: «Sary dominýonyň» kölgeleri. Aşgabat. «Magaryf» 1985
2 G. Nepesow: Demirgazyk Türkmenistanda Sowet gurluşygynyň ýeňişi. Aşgabat 1956

“Gollanma”[3] saýty’dyr. Onda diýseň gymmatly maglumatlar ýerleşdirilipdir. Ol ýerdäki makalar toplumy; “Garagumdaky göreşler” ýygyndysyndanam gerekli maglumatlary aldyk. 1925-nji ýyllardan soňra Türküstandan daşary ýurtlara bosa-boslyk eden we Türkiýäniň Ystanbul şäherinde gazet neşir eden Türküstanly bosgunlar tarapyndan—Mustafa Çokaý oglunyň—çykarylan “Ýeňi Türkestan” we ýene-de Paris’de neşir edilen “Ýaş Türkestan” jurnallaryndan peýdalandyk. Han, Eýrana geçende, Türkmensähraly doganlary tarapyndan ýagşy garşy alnypdyr we myhmana gerekli kömegi beripdirler. Ol, Eýrdaky han-begleriň ýatlamary, Astrabadyň harby häkiminiň şeýle-de mejlis deputaty Mämet ahun Gorgani’niň ýatlamary, Eýranyň gazet-jurnallarynda çap edilen habardyr maglumatlar, neşir edilen kitaplar, işimiziň kämilleşmeginde köp peýdaly boldy. Ýöne gynansagam hanyň Heratda ýaşan döwri hakynda onçakly diýen ýaly maglumat ýazga geçirilmändir. Owganystandaky urşlar zerarly hanyň ogullary, agtyk-çowluklary Eýrana, Türkiýa we Ýewropanyň dürli döwletlerine göçüp gitmäge mejbur bolupdyrlar. Bu bolsa biziň derňew işimizi kynlaşdyrdy.

Hernä elimizden gelen işi yhlas bilen okyjylara hödürleýäris.

***Arne Goli***

***Taryh ylymlaryň kandidaty***

[3] gollanma.com/

## Jüneýt hanyň göreşi hakynda ýazylan kitaplardan birnäçesi:










1-Beki Seýtakow: Doganlar romany.

2-Rahym Esenow: “Sähardaky salgymlar” we “Sary domenýonyň kölgeleri”

3 -Gylyç Kulyýew: Gara kerwen.

4-Gaýyp Nepesow: Demirgazyk Türkmenistanda Sowet gurluşynyň ýeňişi.

5 -Junaid Han. Buris Çeperonow-Борис Чепрунов(1938-nji ýylda atyldy).

6 - خوارزم سرخ؛ جنیدخان، بلشویک ها و سقوط خانات خیوه (۱۹۱۰-۱۹۲۴) – دوب یاروشوسکی

Horerzm-e sorh; Jüneyit hanyň, Bolşewiklere garşy göreşi- farsça terjime edilen (1910-1924) – Dub Ýaruşewski

(Bu kitapdan bölkleri goşmaça bölümde getirdik)

# Jüneýt hanyň 60 ýyllyk göreş ýoluna syýn!



**Gurbanmämmt serdar**

**(Jüneýt han 1861-1937)**

## 1- Jüneýt hanyň Hywa hanyna garşy göreşi

Baryp 16-njy asyrdan bäri Türküstanda başlanan syýasy gapma-garşylyklar, 19-njy asyrda Orsýet emperýasynyň we Britanýanyň bu topraklara aralaşmagy bilen gaýtadan möwç alyp başlaýar, ylaýta-da, Buhara emiriniň we Hywa hanynyň arasyndaki ganly çaknyşyklar bu prosessesi tizleşdirýär. Bu ýagdaýa demirgazykda ýaşaýan Gazaklaryň we Hazar ýakasyndaky hem-de Köpetdagyň eteklerindäky Türkmenleriň gozgalaňy güýçli täsir edýär. Eýran döwleti bolsa Etrek-Gürgn Türkmenlerini ezip, olary zulum astynda saklamak üçin kämahal Hywa hany, kä-mahal bolsa Buhara emiri bilen şertnama baglaşýardy. Bu ýagdaý azat-erkin ýaşap gelýän Türkmenlere gaty agyr degýär. Hywa ýomutlary hiç haçan düýpgöter hana boýun bolmany, tersine, hana garşy birnäçe gezek gozgalaň turzuýarlar.

Hywa hany Ahaldaky Türkmenlerden salgyt ýygnamak üçin, goşun ýygyp, Hywadaky Türkmen serdaryny olaryň üstüne ibermekçi bolýar, ýöne, serdar öz doganalaryny horlamaga razy bolmaýar, gazaba çykan Hywa hany, ýomut serdaryny öldürýär. Bu jenaýt Türkmen-Özbek arasyndaky kine-öçleri artdyrýar. Biraz wagt gçip-geçmänkä Türkmenler aýaga galyp, hanyň başyny alýarlar.

Beýle çaknyşyklar 1870—1880-nji ýyllara çenli dowam edýär. Şular ýaly ýagdaýda ýaňy 25-ini dolduran Gurbanmämmet, Jüneýt han ady bilen Hywa Türkmenleriniň gozgalaňyna ýolbaşçylyk edýär. Hojabaýyň ogly Gurbanmämmet 1862-nji ýylda Daşhowzuň “Tagta” etrabynyň “Bedirkent” obasynda dogulýar. Ol ýomutlaryň Ursokçy urugynyň Jüneýt tiresindendir.[4] Başga bir maglumatda onuň Salar urugyndan bolan Hajy baýyň ogludygy agzalýar.[5] Jüneýt han köp ýyllaryň dowamynda öz obasynda kazy we mirap ýaly wezipelerde işläp, halkyň doly ynamyny gazanyp bilipdir.


Seýid Isfendiýar han



Yslam hoja

Türkmenlere sözüni ýöretmgi başarmadyk Hywa hany Ysfendýar han, ata-babalarynyň ýoluna eýerip, Orsýetiň goldawyna daýanyp, Türkmenleriň

[4] Ýaşlyk žurnaly, Aşgabat, 10/91
[5] Ýaş Türkistan žurnaly, Istanbul, 92,93-nji san 1937 ý.

üstünden akalygyny berkitmek isläpdir, ýöne onunuň bu synanşygy başa barmandyr.

Gurbanmämmet 1912-nji ýylda öz dogany **Hajymyratdan** arasyny açyp, Hywa hany Seýid Ysfendýara garşy göreş alyp barýan "Şammy kel"iň toparyna goşulýar. Jüneýt hanyň başarjaňlygy, batyrlygy we ugur tapyjylygy hem şol ýyllardan ýüze çykýar. Özbek [Goňrat] urugyndan bolan Hywa hanlary, Türkmenlere we Özbeklere garşy aýry-aýry syýasat ýördýärdiler. Bu syýasat olaryň arasynda yýzgiderli çaknaşyklara we agzalyklara sebäp bolupdyr. Orsýet bolsa Hywa hanynyň bu syýasatyny goldaýardy. Bu düzgüne garşy baş göterenleriň birisi-de Ysfendýar hanyň gaýyn atasy Seýid Yslam hoja bolupdy. Türkmen-Özbekleri milli goşunda birleşdirmek syýasatyny talap eden bu adam 1912-nji ýylda bir gün öýleden soň hanyň köşgünden çykyp, öz öýüne barýarka ýolda öldürilýär.[6] Ruhy taýdan keselli Ysfendýar han, Yslam hojanyň ýerine geçen, paň kelle "Mäd_wafiniň" täsirine düşýär we onuň diýeninden çykmaýar. Şeýlelikde ýene-de gadymy Özbek-Türkmen agzalalygy güýçlenýär. Bu ýagdaýdan nägile bolan Türkmenleriň serkerdeligine Gurbanmämmet geçýär, Hywa hanynyň arkasynda bolsa orsýet durýardy. Hywa garşy bolan söweşler, Türkmenlere agyr düşýärdi.

Edil şeýle ýagdaýda birinji jahan urşy başlanýar. Urşda ruslar agyr ýitgä uçraýarlar, bu ýagdaýadan habarly bolan Gurbanmämmet pursatdan peýdalanyp, Hywa galasyny gabap başlaýar. Onuň bu işi Hywa Türkmenlerini galkyndyrýar, halk ony Jüneýt nesili bilen atlandyryýar, şondan soň Gurbanmämmediň ýerine Jüneýt han ady ýörgünli bolýar. Ol garyp ýa-da baýdygyna garamazdan Türkmenleriň ar-namysyny goramagy başarypdyr.[7]

Jüneýt hany diňe Türkmenler däl, eýsem Hywa hanyndan nä_razy özbekler hem goldapdyr. 1913-nji ýylda Türkmenleriň ýaraglanan toparlarynyň sany 15.000-e ýetipdir. Türküstanda rus patyşasynyň goşunlaryny gysyp,

6 Ýaş Türküstan žurnaly. 68-nji san
7 Ýaşlyk žurnaly. Şol ýer.

çykarmakda Jüneýt hanyň uly güýç boljagy bilen daşary ýurt döwletleri hem gyzyklanyp başlaýar.

1916-njy ýylda birinji jahan urşunda orsýet agyr ýeňlişlere uçraýar, muny eşiden Türküstanlylar, ruslara garşy baş göterýärler. Hywa Türkmenleri hem rus dikmesi, hana garşy açyk baş götrip ugraýarlar, Türküstan häkimi, Syr derýa welaýatynyň harby gubernatory genral Galkin, bu ýerdäky Türkmenlere garşy jezaberijy topary iberýär. Söweş her iki tarapa hem biçak agyr düşýär, Türkmenler ok-ýaragyň ýetmezçiligiň, ruslar bolsa yssy çöllerde suwsuzlygyň pydasy bolýar. Jüneýt han açyk söweşe girmän, “degdim-gaçdym” taktikasyndan peýdalanyp, ruslary Gumuň içine çekip, başlaryna inýärdi. Jezalaýjy topar bolsa rehimsizlik bilen Türkmenlerden öj alýardy, rus esgerleri guýulary gömüp, obalary talap, mallary haýdap gidýärdiler. Jüneýt han bolsa, irmän-arman olar bilen söweşýärdi. Şol ýyllarda Hywa hanynyň eden-etdiliklerini barlap, halk gozgalaňynyň esasy sebäplerini anyklamak üçin Türküstan genral gubernatorynyň görkezemsi boýunça Daşkentden ýörite iberilen general Geppner gozgalaňy Hywa hanynyň atlylarynyň prowokasiýasy diýip bellemäge mejbur bolýar.[8]

[8] Turkmenovedeniye žurnaly. Aşgabat.1/1930



Jüneýt hanyň baştutanlygyndaky gozgalaň giýň häsýete eýe bolup, Türküstanda ony goldanlaryň sany günsaýyn köpelýärdi. «Hoja ili» obasynyň ýaşulylary hanyň atlylaryndan öz nä_razyçylygyny aýtmak üçin Ysfendýar hanyň ýanyna baranlarynda, han olary tussag edýär. Muny eşiden Jüneýt han üç müň atlysy bilen Hywa galasyny gabap, tussaglar bir gije-gündiziň içinde boşadylmasa, gala girip, galany hanyň başyna ýumurjakdygyny duýdurýar. Gepleşikler netije bermänsoň, ol galany alýar, onuň bilen hem çäklenmän, “Gürlen”, “Şabat”, “Kyýat”, Daşhowuz şäherlerini hem alýar. Ele düşen Ysfendýar han, Jüneýt hanyň merhemtine duş gelýär, onuň gany geçilýär we gaýtadan tagtynda oturdylýar.

Jüneýt hanyň Hywa tagtyna bäsdeşlik etmgi orsýeti binjalyk edýär, şoňa göra gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin, general Galkiniň[9] ýolbaşçylygynda jeza beriji topar bütin Türkmen obalarynyň içinden “gylyçly” geçýär, ýüzlerçe Türkmen öldürilýär. Halkyň arasynda häli-şindilerem bu wakanyň “Galkin ýyly” diýip,

[9] Алексей Семёнович Галкин.

ýatlanmagy ýöne ýerden däldir.[10] Bu wakadan soň Jüneýt han goşunyny Owganystanyň demirgazyk welaýatlarynda ýaşaýan ildeşleriniň arasyna çekýär.

Türkmenistanly ýazyjy Ata Nuryýew "Ýaşlyk" jurnalyndaky makalasynda hiç bir fakt, delil görközmeden Owganystanda bolan döwürnde Jüneýt hanyň iňlisler bilen ylalaşyga gelendigini ýazyp, ony satylan nöker hökmünde garalamaga syýnanşýar[11]. Hanyň abraýyny kemsitmek we ony iňlisleriň içalysy hökmünde görkezmek maksady bilen Özbegistanyň kinoçylary/sinematograflary 1980-nji ýyllarda iki sany filmi surata düşürdiler.



**Han Jüneýdiň atly toparyndan bir bölgi.**
**(T.Gutlyýewiň "Soýuz hem garaşsyzlyk" kitapaçasyndan. Aşgabat. 1990)**

1917-nji ýylyň sentýaberinde Jüneýt han Owganystandan dolanyp gelýär. Türküstanda rus patyşasynyň tarapdarlary "aklar" henizem bolşewiklere (gyzyllara) ýol bermän, ýerli häkimler bilen aralaryny berk saklamagy başarypdyrlar.

---

10 Ýaşlyk. şol ýer.
11 Ýaşlyk...

Tagtynda galmak üçin, Buhara emiri ýaly, Hywa hany-da “reform” wadasyny berýär, söweş tolkuny köşeşýär, emma Jüneýt han öz atlylaryny mydam taýýar saklaýar. 1918-nji ýylda Türküstanda bolşewikleriň döwri başlanýar, olar Buharany “Sowetleşdirip” bilmeýärler, Hywa bolsa bir çetde galypdy, bolşewikleriň Hywadaky hereketlerine Jüneýt han böwet dördýärdi. ol Hywa hanynyň baryşmaz duşmany bolsa-da, hana garşy bolşewiklerden ýardam soramady. 1918-nji ýylyň güýzünde Jüneýt han Hywany gol astyna gçirýär. Han hem bu aralykda öldürilýär, ýerine bolsa köpden bäri işden çetleşdirilen hanyň dogan_oglany Seýid Abdulla geçýär, ýöne hakykatdan hanlygy dolandyrýan Jüneýt handy. Onuň akyl-paýhasy şol ýerde mälim boldy. Ol hany ýeňdi, emma hanlyk düzgünini bolşewik düzgüni bilen çalyşmady. Jüneýt hanyň Hywada hökümdarlygy 1920-nji ýyla çenli dowam edýär.



**Zaýtsew** **Galkin**

Ata Nuryýewiň ýazmagyna göra, Eziz han bilen Jüneýt han iňlisleriň buýrugy esasynda wagtlaýyn hökümtiň wekili bilen harby komissar polkownik Zaýtsew[12] tarapyndan goldanyp, Sowet-Şurewi häkimiýetine garşy söweşe girmli ekenler.

[12] Иван Матвеевич Зайцев




**Türkmenistanda gulluk eden Gyzyl goşun bölümi. 1924**




**Bolşewikleriň propagandalaryndan**

## 2- Jüneýt hanyň “Horezm Sowet düzgünine garşy göreşi[1] [3]

1918-nji ýylyň ortalarynda Hywada öňki Özbek-Türkmen dawasy gaýtadan möwç alýar. Munuň döremginde bolşewikleriň esasy rolunyň bolandygy çaklanýar. Bolşewikler bu iş bilen Jüneýt hany ýeňmegi planlaşdyrypdylar. Şol ýylyň 20-nji sentýaberynda Jüneýt hanyň topary Raheman begiň ýolbaşçylygynda Ürgenç şäherine hüjüm edip, “Rus-Aziýa banky”nyň bölümini, anbarlaryny, söwda edaralaryny dargadýarlar. 1873-de Hywa hanlygyny basyp alanlaryndan soňra ruslar Amy deryanyň sag kenarynda uly razwetka/jasuslyk gullugyny dördip, Türküstany gol astyna geçirmäge synaşyp gelipdirler. Bölümiň merkezi “Dörtgül”de ýerleşýärdi. Ol ýerde ummasyz ok-ýarag we däri saklanýardy. 25-nji noýaberda Jüneýt han “Dörtgüle” hüjüm edýär, ýöne onuň bu hüjümi şowsuzlyga uçraýar. 1919-njy ýylyň dowamynda “Gyzyl” goşunyň agyr zarbalary netijesinde Jüneýt han ýeňilýär. Hywada, bolşewikler tarapyndan «Ýaş Hywalaylar» ady bilen wagtlaýyn hökümet esaslandyrylýar.[14]

[13] Horezm Halk Respublikasy 1920-nji ýylyň 26-njy fewralynda Hywa hanlygynyñ ýerne döredildi. Bu respublika 1923-nji ýylyň 20-nji oktiýabrinde Horezm Sosýalistik respublikasy ady bilen yglan edildi we ol 1925-nji ýylyň 17-nji fewralyna çenli dowam edip soňra Özbegistana birikdirildi.
[14] Ýaş Türküstan. şol ýer.

Jüneýt hanyň şan-şöheraty güýçlenip başlananda, Moskwanyň “G.P.U”-sy (GPU[15]- soňraky KGB) Türkmenistanyň “GPU” edarasyna ýüzlenip, Jüneýt hakda özlerine maglumat berilmegini soraýar. Türkmenstandaky GPU edarasynyň başlygy Kutski 1924-nji ýylda Han barada Moskwa şeýle maglumat beripdir:

> “Çyn ady—Muhammet Kurban (Gurbanmämet bolmaly. A.G) serdar, hojabaý ogly. Milleti Türkmen, ýomut taýpasynyň Ursukçy tiresinden. Rewelusiýadan/oktiýabr ynkylapy /ozal Hywanyň özbek ilatynyň üstüne çozuşlar geçiripdir, ol suw çeşmeleriniň ugrunda Türkmenlere, özbeklere we Täjiklere garşy edilen hemişelik göreşlere ýolbaşçylyk edipdir. 1917-nji ýylda Hywany basyp alypdyr, Hywa hanyny tagtyndan agdarypdyr. Täze hanyň ýanynda ilkinji wezir-minister bolup, hakykat ýüzünde Hywa hanlygyny özi dolandyrypdyr. 1919-njy ýylda Hywa halk Sowet respublikasyna garşy gozgalaňa baştutanlyk edipdir. 1920-nji ýylyň ýanwar aýynda Gyzyl goşun bölümlerinden ýeňlip, Guma çekilip, ol ýerden 1924-nji ýyla çenli çozuşlar edip durdy. 1924-nji ýylda Sowet hökümtine garşy söweş hereketlerini bes edendigini yglan etdi, ýöne Garagumda galdy.[1] [6]

1919-njy ýylyň 9-njy aprelinde parahatçylykda ýaşamak barada, Jüneýt han bilen bolşewikleriň arasynda bir şertnama gol çekilýar. Şertnama Hywa hökümtiniň adyndan Jüneýt han, Türküstan Sowet hökümti tarapyndan Daşkentden ýörite gelen toparyň wekili A.N.Heristowrow[17] gol çekýär.[18]

A.Nuryýew 1919—1921-nji ýyllar aralgyndaky wakalara göz aýlap, ýene-de Jüneýt hanyň gizlinlikde bir tarapdan Buhara emiri, aýry tarapdan Eýran

---

[15] Государственное политическое управление= Döwlet Syýasy Dolandyryş.
[16] R.Esenow: «Jüneýt han-Türkmen gozgalaňçylarynyň serdary» makala. Azatlyk Radýosy üçin.
[17] А.Н.Христофоров.
[18] Ýaşlyk žurnaly.

hem Owganystanda ýerleşen iňlisler bilen aragatanaşyk saklandygyny öňe sürýär. Ol, rus taryhçysy Karpowyň eserine salgylanyp, iňlisleriň kömegi bilen Türküstan, ruslardan halas bolandan soň, 55 ýyllap iňlisleriň gol asytyna geçmelidigini gaýtalaýar.[19] Bu ýagdaýlardan soň bolşewikleriň häkimiýeti Türküstanda barha güýçlenýär, Türkmenleriň partizanlyk söweşleri-de onçakly netije bermeýär.




**Parahatçylyk boýunça Jüneýt han bilen şertnama baglaşmaga ýörite missiýa bilen baran bolşewikleriň wekilleri. Aprel 1919**

Jüneýt han öz atlylary bilen garaguma tarap çekilmäge mejbur bolýar. Ol “Akja guýuň” töwerginde düşleýär. 1921-nji ýylyň fewralynda, “Han işany” Owganystana, “Şyhym Sülgüni” bolsa Eýran Türkmenlerine Jüneýet han ýörite wekil edip iberip, ol ýerde ýaşaýan Türkmenleriň söweşe bolan ukybyny barladýar. Şol bir wagtyň özünde Jüneýt han daşardan köp mukdarda ok-ýarag satyn alyp, amatly pursata garaşýar. Edil şol ýylyň

19 Ýaşlyk.

aprelinde 3 müň tüpeň, 54 müň ok we birnäçe pulemýot ýüklenen kerwen gelip ýetýär.[20]

1920-nji ýylyň ýanwarynda Jüneýt hanyň Hywadan Garaguma çykmagy bilen Bolşewik dikmelerine garşy göreş has möwç alýar. Bu hereketi garalamak we ony basyp ýatyrmak üçin rus gazet-jurnallarynda we umuman edebiýatynda oňa "basmaçylyk" diýlip at berilýär. Türkmenleriň beýle hereketleri yýzgiderli dowam edip, ol uly syýasy häsýete eýe bolup başlaýar. Eýýam şol ýylyň güýzünde hanyň müňe gulaý atly-ýaragly adamsy bardy. Onsaňam bir bellemli zat, Jüneýt hanyň goşunynda diňe Türkmenler däl, Özbeklerm, Gazaklaram, Garagalpaklaram bardy. Şol ýyllarda hana daşary ýurtdan ýarag, ok-däri gelip durýardy.
1921-nji ýylyň 21-nji aprelinde Jüneýt hanyň atlylary Gyzyl esgeriň kiçeňräk otrýadyny /toparyny gylyçdan geçirip "Ýylanly«ny eýeleýär. 17-nji iýulda /julaý olar "Akdepe"de duran topar bilen söweşe girýärler, ýöne Gyzyl esger tarapyndan berk gaýtawul görensoňlar yýzlaryna çekilmäge mejbur bolupdylar.

Şol ýylyň tomsunda "Daşhowuz" etrabynda Jüneýt han öz goşunyna söweşiji toplaýar. Oňa ilatdan ýene-de 250 atly gelip goşulýar. Soňra söweşijiler "Tagta", "Ýylanly", "Könürgnç", "Goňrat", "Hoja ili" raýonlaryň merkezlerine hüjüm edip başlaýarlar.
1921-nji ýylyň iýunynda/june aýynda Osmanly general Enwer paşa, Atatürk bilen arasyny açyp, SSSR-e sygynýar. Soňra ol Leniniň görkezmesi boýunça Türküstana gidýär we bolşewiklere garşy bu ýerdäky gozgalaňa baştutanlyk edýär. Enwer paşanyň liderliginde gündogar Buharada 20 müň ýaragly esgeriň gatnaşmagynda uly gozgalaň turýar. Şol ýylyň ahyrynda Hywa halk Sowet respublikasynyň merkezi ijraiýe komitetiniň başlygy Ata Magsimow tarapyndan ýolbaşçylyk edilen şura düzgünine garşy dildüwşigiň üsti açylýar. Daşary işler halk komissary Molla_niýaz hem-de başga birnäçe ýokary wezipeli jogapkär işgärler onuň bilen bile hereket edipdirler. Derňew

[20] Ýaşlyk.

barýarka Ata Magsimow, Molla_niýaz we olaryň egindeşleri basmaçylaryň ýanyna gaçyp barýarlar.

“Dildüwşijiler” bolşewikler bilen, olaryň Moskwa tarapyndan gönükdirilýän milli-(Türküstanlylar hakdaky milli bölünşik) syýasaty bilen ylalaşmaýan “Ýaş Hywalylar” partiýasynyň ozalky agzalarydy.

Şu daşary işler halk komissary Molla_Niýaz, ýagny, Türkmenleriň Maşryk taýpasynyň serdary Molla Oraz Hojamämmedow baryp 1920-nji ýylyň tomsunda Hywa respublikasynyň delgatsiýasynyň ýolbaşçysy hökmünde Moskwa gidýär, SSSR bilen birleşik baradaky şertnama gol çekýär, olar Lenin bilenem duşuşýarlar. Taryh ylymlaryň doktory, horzmiň we Buharanyň taryhy boýunça bilermen K.B. Muhammetberdiýewiň aýtmagana göra, Molla Oraz, Jüneýt hanyň şahsy mürzesi-katibi bolupdyr hem-de tä, han 1928-nji ýylda daşary ýurda gidýänçä oňa gulluk edipdir[21].

1921-nji ýylyň 5-nji noýaberinde Könürgnçde “Horezm halk Sowet respublikasynyň” wekili, Jüneýt han bilen ýaraşyga gol çekýär. Ýaraşygyň şertlerine görä, Jüneýt hanyň Hywa Türkmenleriniň meýletin Türkmen toparyny dargadýar hem-de beýleki talaplar berjaý edilýär. Şunuň bilen birlikde Horezm respublikasynyň hökümtiniň düzümine Jüneýt handan iki adam girizmek, onsoňam hanyň ýaşajak ýerine Könürgnjiň 40 km günbatarynda” Garasaç” diýlen ýere Amy derýadan ýap çekip bermek barada ylalaşyga gelinýär. Başgaça aýdylanda, Horezm respublikasy Jüneýt hanyň ähli talaplarynyň berjaý edilmegine razylyk beripdir. Munuň özi, bir tarapdan respublikanyň baştutanlary bolan Ýaş Hywalylaryň Sowet-Şurewi Türküstan bilen “jynynyň jyňkyryşmaýandygyny” görkzse, ikinji tarapdan, Jüneýt hanyň kiçi-gerim güýç däldigini alamatlandyrdy.

Buhara halk Sowet-Şurewi respublikasynyň ýolbaşçylarynyň hem käbiriniň Türküstan hökümeti bilen “mäşi bişişenokdy”. Olar respublikadan rus goşunlarynyň çykarylmagyny talap edýärdiler. Gündogar Buharada,” Kerki” we “Çärjew” welaýatlarynda gozgalaňçy toparlar peýda bolup, ýagdaý has-da ýitileşýär. 1922-nji ýylyň baharynda gündogar Buharadaky hereketlere, Türkiýeden bu ýere gelen general **Enwer paşa** ýolbaşçylyk edip başlapdyr.

21 R.Esenow: «Jüneýt han... şol ýerde.

Onuň täsiri bilen gozgalaňçylaryň sany gün-günden artyp, tiz wagtyň içinde 16 müň adama ýetipdir.
Rus agalygyna garşy hereket indi diňe demirgazyk Türkmenistanda däl-de, eýsem beýleki raýonlara-da ýaýrap ugraýar. 1921-nji ýylyň awgustynda Murgap we Tejen drýalarynyň aşaky akymlarynda basmaçy toparlary peýda bolýar. Mysal üçin, Hojaguly Niýazgulyýewiň (Hojaguly hanyň) ýolbaşçylygynda Tejen we Saragys etraplarynda hereket edýän basmaçylar toparynda 600 atly dagy bolupdyr. Ýeri gelende aýtsak, Hojaguly han1918-1920—nji ýyllarda Jüneýt han Hywada hanlyk sürende onuň ýanynda bolup, gullugyny edipdir. —
Elbette, Jüneýt han Kerki, Çärjew taraplarynda hereket edýän “basmaçy” toparlarynyň dördilmginden hem habarsyz däldi. Şeýlelikde, dürli regýonlarda dörän “basmaçy” toparlary göräýmäge dagynyk ýaly bolsa-da, hakykatda olar Jüneýt han bilen baglanşyklydy. Ol mümekin boldugyça, ähli Türkmen taýpalaryny “kapyrlara”, ýagny Sowet häkimiýetine garşy aýaga galdyrmaga çalyşýardy. Onuň pikiriçe eziji patyşa ruslary bilen Bolşewik ruslarynyň arasynda tapawut ýokdy. Olaryň ikisem Türkmeni özüne boýun egdirmäge, has dogrusu, Türkmen halkyny öz günine goýman, onuň boýnuna boýunturyk salmaga gelipdi. Şonuň üçinem Jüneýt han Türkmeniň eli ýarag tutanyň ata çykmagyny talap edýärdi. Kimde kim söweşden ýüz öwürse, has beteri Bolşewiklere goşulsa, ol Jüneýt üçin ganym duşmandy.
Ýöne Bolşewiklerem dek ýatmady. Olar Jüneýt hanyň daýanýan güýçlerini pudap başladylar. 1922-nji ýylyň noýaberinde Hywa Türkmenlerinden we Özbeklerden düzülen miletinçiler topary döredilip, toply, pulýemutly, samolýotly Gyzyl goşun bölümleri bilen bilelikde Jüneýt hanyň üstüne iberildi. 1923-nji ýylyň ortalaryna çenli Gaplaňgyr, Ak_baýyr, Okly_süzek diýlen ýerlerde, Balykly, Ak_ nabat, Gök_ nabat, Ygde diýlen guýularyň ýanynda, Orta guýuda (Jüneýt hanyň merkezi goşunynyň duran ýeri) uly söweşler bolup, “basmaçylaryň” esasy güýçleri paýhyn edilýär, ençeme çarwa obalar ýakylyp ýandyrylýar. Gyzyl esger müňlerçe düýe, on müňlerçe goýun olja alýar. Jüneýt han Garagumyň has jümmüşine ýyza çekilmäge mejbur bolýar.

## 3- Jüneýt han we Enwer paşa




1922-nji ýylyň awgustynda gündogar Buharadaky söweşde Enwer paşa GPU agenti, ermeni asylly Georgi Agabekow tarapyndan öldürilýär. Buhara basmaçylarynyň beýleki serdarlary Owganystana geçýärler. 1923-nji ýylyň ortalaryna çenli Ferganada, Zerefşanda hem "basmaçylyk" hereketi gutarnykly suratda derbi-dagyn edilýär.

Bolşewiklere garşy göreşde Jüneýt han we Türkmen topary bilen bile hereket etmegi makesat edinen Enwer paşa, 1921-nji ýylyň 25-nji noýaberinde

“Türkmen beraderlermiziň olugllaryna” diýen ýüzlenme bilen bir hat ýollapdyr[22].



**Türkmen beraderlermizin oluglaryna!**

Yşbu hat bilen siz mohterem beraderlerimiza beýan olur ki bizler munda, ýagny Duşenbe etrabynda Lakaý, Täjikde, hulase umum ähli muslam bir bolup, mujahdin ordasy bilen ruslarny ormakdamyz we hudaý kerimiň lutfi we merhemti bilen ruslardan myltyk (tüpeň) pulemýot we patron/ok we beýleki harby hem golumyza düşüpdir. Uşbu hatimizi siz beraderlerimize görkziji kumandan mir Alaý Alireza bge islamiýeti we şerigat Muhemmediýei mahafezesi ugrunda gollaryňyzdan gelinje ýardam bermeňiz salamt umumi islam adyna haýyş edilýär diýip gol goýdum.

24 rebi alaher 1340 / 25 desember 1921-damad halifhe mumenin

möher: Enwer paşa

22 Abdulla Rejep Baýsun: Türküstan Milli Herekatleri. Istanbul. Zaman kitabevi 1945. s.132

## 4- Göreşler we jeza çäreleri

Jüneýt hanyň at-owazasynyň ýaýran ýerlerinde basýbaljylara garşy göreşi asla tugtamaýardy, tersine, kem-kem giýňelýärdi. Onuň esasy sebäbi Bolşewikleriň eden-etdilikleridi. Mysal üçin 1923-nji ýylyň oktiýaberinde Horezm halk respublikasy, sosýalist respublika diýilip yglan edildi. Şonuň bilen birlikde, haýdan-haý öňki kazy sudlary ýatyrylyp, Sowet-Şurewi sudlary girizildi, wakf ýa-da metjit-medrese ýerleri millileşdirilip, baý-garyp göz öňünde tutulman, ilata bir gyradeň salgyt salyndy. Olaryň üstsine ýerli partiýa, Sowet-Şura organlary ilata gurbanlyk etmegi, öwülýa zýarata gitmegi, aýallara bürenjek atynmagy, ýaşmak ýaşynmagy gadagan edip başladylar. Gepiň gyýsgasy, hakykatdan daş düşen partiýa, Sowet ýolbaşçylary asyrlaryň dowamynda ilatyň aňyna siňen, onuň durmuş ýörelgesine öwrülen kada-kanunlary, däp-dessurlary ýok edip, zorluk bilen sosýalystik gatnaşyklara ýol açamakçy boldýardylar.

Ýöne "oglan howluksa-da, tudana wagtynda bişýär" diýilişi ýaly, ilat beýle çürt-kesik öwrülişiklere entek taýýar däldi. Asla taýýar bolmaly hem däldi. Sebäbi olar halkyň adatdaky däp-dessury ahyry. Beýle eden-etdiliklerden aýratynam ilatyň toýuna-ýasyna ýarap ýören ýerli işan-mollalar gaty nägilediler. Onsaňam Horezm ozaldan musulman dinine çynlakaý ynanýan ýurt. Mysal üçin, 1920-nji ýylyň başynda Hywa hanlygynda 3 müň metjidiň, 977 medresäniň, 282 dini medresäniň bolandygyny ýatlasak, onda il arasynda din hadymlarynyň nähiliräk täsiriniň bolandygy öz-özünden düşnüklidir. Baýlar, urug-tire serdarlary hem olar bilen ugurdaşdy. Şunlukda, ilatyň öňüne gelýän bu ägirt uly güýjüň garşysyna gidip rowaçlyk gazanmak, elbette, örän çetindi.

1924-nji ýylyň ýanwar aýynyň ilkinji günlerinde Horezm respublikasynyň gündogar raýonlarynda oturan özbek ilaty aýaga galýar. Şol bir wagtyň özünde olar Jüneýt hanyň ýanyna özleriniň wekillerini iberip, ondan gozgalaňy goldamagyny sorapdyrlar. Hut şol wagtyň özünde başga bir delegatsiýany bolsa Hywa iberip, Horezm Sowet sosýalystik respublikasynyň hökümtinden Sowet mekdeplerini ýatyrmak, ozalky dini mekdepleri, medreseleri dikeltmek, komunistleri respublikadan çykaryp kowmak barada ýörite ultimatum berdiler.

Elbette, “üstünlikden” başy aýlanan Horezm SSR-niň hökümti gozgalaňçylaryň talaplaryny berjaý etmedi. Jüneýt han bolsa diňe bir kömek bermek däl, eýsem gozgalaňyň umumy ýolbaşçylygynam öz üstüne aldy. özem ol döwre çenli han ýene-de mazaly güýç toplapdy. Onuň nökrleriniň arasynda Zakaspi (soňraky Türkmenistan) Türkmenlerem, hatda owganly Türkmenleriňem onlarçasy bardy. Hanyň goşunyna dürli ýerlerden ýarag, ok-däri ýükli kerwenleriň ençemesi eýýam gelipdi. Mysal üçin, Horezmiň özbek ilatynyň wekilleri hanyňkyda bolanlarynda, olar Tejenden 27 düýeden ybarat uly kerweniň gelenini görüpdirler. Getirilen ýaraglaryň arasynda baş_atarlar, on_bir atarlar we beýleki ýaraglar bolupdyr. Jüneýdi şol wagt iň aktiw goldanlaryň biri hem Garagalpagystandaky Türkmenler, ýagny Dörtgül Türkmenleri bolýar. “Kelte menara” dan hem beýleki Türkmen obalaryndan Jüneýt hana kömege gelen köp sanly Türkmen atlylaryna “Ata” taýpasynyň baştutany “Agajan işan” ýolbaşçylyk edýärdi.
1924-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda umumy sany 6-7 müňe ýetýän gozgalaňçylar Hywany gabaýarlar. Ýanynda müňlerçe atlysy bolsa-da Jüneýt han bada-bat söweşe giribermän, ozaly bilen Hywa halkyna, Hywanyň kethudalaryna hat üsti bilen ýüzlenmegi makul bilýär. Yne, şol ýüzlenme:

> “Eý Taňrym, bizi-Hywalylary öz penaňda aman sakla! legzan edip, dargap, ýok bolup gitmekden halas et!
> Men siz-Hywanyň 96 aksakgalyna, ähli kethudalaryna, edermen merdana ýigitlerine, uly-kiçi doganlarmyzyň hemesine ýüzlenýärin.
> Men Gurbanmyrat serdar, Jüneýt han diýen ady alanymdan bäri hiç bir muslmana degmedim. Hiç kime sütem etmedim. Müňlerçe

muslmanyň bolşewikden nalaýandygyny, ýagny olaryň bolşewiklerden gorkup, uly allanyň öňündäki mukaddes borjy-bäş wagt namazyny berjaý edip bilmeýändigini, öz ata-baba dowam edip gelen däp-dessurlarmyzy ýerne ýetirmekden çekinýändiklerini bilýärin.
Men Muhammet pigmberiň "herki zat öz aslyna dolansa ýagşy" diýen pähiminden ugur alyp, kim öz pälinden gaýtsa, men olara hiç mahal degmenem, degdirmenem.
Kimde-kim dine uýsa, Taňrynyň haky üçin halkyň däp-dessuryny berjaý etse, Allatagala onuň günäsini geçer. Beýle adamlaryň janyna, malyna elgaramagy hemelere gadagan edýärin. Yne, näçe ýyldyr, biz Muhammet pigamberiň dininiň goragyna çykyp, ilimizi, taşlap, gum içinde selpäp ýöris. Bolşewikleri biz duşman hasaplaýarys. Eger-de kim nalaçlykda, ýagny zorluk zerarly il ýüzüne men bolşewik diýmäge mejbur bolup, hakykatda bolsa musulmanlykda galan bolsa, biz beýle adamlaryň günäsini geçýäris. Ýöne welin kimde kim musulmanlary azdyrjak bolup, dine garşy, eýsem biziň hut özümize garşy wagyz-nesihat ýaýratsa, elbette, biz olary goldamaýarys.
Meniň şu haty ýazmak bilen maksadym, siziň her biriňizi täzeçe özbaşdak pikirlenmäge çagyrmakdyr, men siziň duşmana garşy göreşde birleşmegiňizi talap edýärin. Bu rehimsiz zalymlaryň-bolşewikleriň wagyzlary netijesinde Hywada hojalyk we beýleki işlerden ilatyň eli sowady. Zorluk bilen ilatdan partiýa dördilendigini, şerigata gulluk edýän adamlaryň kowalanyp, olaryň perzentleriniň esgerlige äkidilýändigini, üstesine-de olary saklamak üçin eliňizden mallaryňyzy we emläkleriňizi alynýandygyny siziň özüňizem bilýänsiňiz. Biz bu zatlary siziň bähbidiňiz üçin aýdýarys. Eger-de siz ýene-de bolşewikleriň gepine gitseňiz, olaryň aldawuyna düşseňiz, onda dinden çykyp hudaý bizar bolup ölüp-ýitip gidersiňiz.
Päli azan hudaýsyzlaryň ilatyň şahsy emlägine el urýandygy, metjit-medreseleri ýomurýandygy, muslmanlary gan agladýandygy mydama eşidilip dur.

Alla ýol berse, biz ýakyn wagtlarda görişeris...”

Hywa galasyny guraýjylara bu ýüzlenmäniň nähili täsir edendigi barasynda häzirlikçe anyk maglumat ýok. Emma ondan garaşylan netijäniň çykmandygy welin bellidir. Galanyň içinde 100 sany Gyzyl esger, 700-den gowurak eli ýaragly goragçy bar eken. Olaryň elinde 10 sany pulemýot bardy. Tiz wagtyň içinde Hywanyň goragçylaryna Daşhowuzdan 80 adamly Türkmen, Özbek meýletinçiler topary, Hoja iliden 130 adamly Gyzyl esgere kömege geldi. aldym-berdimli söweşler başlandy.

Hywany goraýjylara kömek üçin iberilen 82-nji Türküstan atly polky hem ýetip gelenmiş. Bu polk ozal Ferganada we Buharada «basmaçylary» basyp ýatyrmaga gatnaşypdy. Polk 22-nji ýanwarda Çärjewe gelip, durman Hywa tarap geçip gidýär. 28-nji ýanwarda Jüneýt han polkuň golaý gelenini bilip, atlylary bilen galany taşlap ýene-de Garaguma siňýär.

29-njy ýanwarda polk “Hezar as”da gozgalaňçylaryň, Agajan işan tarapyndan baştutanlyk edilýän topary bilen garpyşýar. 18 sagada çeken söweşden soň gozgalaňçylar guma çekilýärler. Polk “Hanki”ni, “Bäş arygy” olardan alyp, 4-nji fewralda Hywa girýär. Gozgalaňçylardan 214 adam tussag edilip zyndana taşlanypdyr.

Jüneýt han 82-nji polkuň esasan özüne garşy iberilendigini, onuň hökmany suratda yýzyna düşüp gelýändigini bilýärdi. Şonuň üçin ol Hywadan çykanda, polkuň bada-bat yýzyndan ýetmezligi üçin “Ýylanlyda” Anna balamyň baştutanlygynda 500 atlyny, Tagtada hem Ahmat begiň 800 atlysyny goýup, özi bolsa 1500-2000 atlysy bilen “Balykly” guýusyna çekilipdir.

27-nji fewralda Balykly guýuň ýanynda polk, Jüneýt hanyň esasy güýçleri bilen söweşe girýär. Front liniýasy 10 km-e dagy uzalyp gidenmiş. 8 sagada çeken agyr söweşlerden soň Jüneýt han “Jyryşly” guýusyna çekilýär. 3-nji martda bu ýerde-de agyr söweşler bolup, han ýene-de yýza çekilmli bolupdyr. 8-nji aprelde Jüneýt han, güýjüniň halys azdygyna garamazdan (onuň ýanynda 100-120 atlysy galypdyr) Ygde guýusynyň oýunda yýzyndan

ýeten polk bilen ýene bir gezek garpyşýar. Söweşde ýigitleriniň 30-syny ýitirip, galan atlylary bilen Garagumyň jümmüşine siňip gidýär.

”Basmaçylyk” hereketini zorluk bilen basyp ýatyrmakda görkezen “edermenlikleri” üçin 82-nji Türküstan atly polkuny, SSSR merkezi yjraiýe komiteti 3-nji gezek gyzylbaýdak bilen syýlaglaýar. Polkuň komandirlerinden we esgerinden 26-sy SSSR-iň gyzylbaýdak ordeni, 7-si Horezm respublikasynyň gyzylbaýdak ordeni bilen syýlaglanýar.

Ýaş Türkmen döwleti bütin ülkede parahatçylygi üpjin etmek we täze düzgüni ornaşdyrmak üçin ilkinji nobatda grajdanlyk urşunyň soňuna çykmalydy. Bu iki topar [aklar bylen gyzyllar] ýurtda öz toparyny döredip, öz bähbitlerini araýardy. Türkmenistanyň ilkinji gurujy gurultaýynda Garagumdaky gozgalaňy basyp ýatyrmagy baş plan edip goýdy we şol esasda operatsiýa başlanmagyny kararlaşdyrdy.



**Gozgalaňy basyp ýatyrmaga gatnaşan harby polk**

***Operatsiýa nähili planlaşdyryldy?***

Türkmenistan “GPU”-synyň edarasynda gozgalaňçylara garşy “ÇK-ist” leriň geçirmeli oprasiýasyýalarynyň ençmesiniň üstünde kelle döwendirler. Ýöne Jüneýt hana garşy gönükdirilen hilelerini welin aýratyn yhlaslylyk bilen taýýarlapdyrlar. Birinji nobatda Jüneýt hanyň arkasynda duran ýakyn adamlarynyň arasyna tow düşürmlidi, olar dürli tire-taýpanyň weklileridi. ÇK-istler olaryň arasyndaky agzalalykdan peýdalanyp, serdary hem-de onuň iki ogluny öldürmekçidiler.

ÇK-istler her hili hileli göçümlerden soň, Jüneýt hanyň toparyna uly bolmadyk “söweşjiler” toparlaryny ornaşdyrdylar. Olaryň birine Gökdepe obasyndan bolan Amanly Begençow ýolbaşçylyk edýärdi. Ol bu towerklerde belli baýdy.

Amanly Begnçowyň öňünde şeýle wezipe goýlupdy: Ol özüni Sowet-Şurewi hökümitini ýigrenen adam hökmünde görkzip, Jüneýt hanyň ynamyna girmelidi, soňra ony özüni sag goly hasaplaýan, toparyň täsirli komandirleriniň biri Durdy baýa garşy goýmalydy. Begnçow, Durdy baýyň hem-de başga bir urugyň serdary, Handurdy hanyň gozgalaňçylaryň baştutany bolmagy niýet edinýändiklerinden peýdalanyp, olaryň şöheratparazlyk duýgularyndan peýdalanyp, olary Jüneýt han hem-de onuň garyndaşlary bilen haklaşmaga yrmagy başardy. Durdy baý we Handurdy han gara niýetlerini amala aşyrmaga öz ynanýan dört ýigdini hem bu işe çekdiler, Jüneýt hany we onuň ýakynlaryny öldürmeli gününi we sagadyny belli etdiler, agşam namazyndan soň hereket etmelidi. Dildüwşige gatnaşanlaryň birisi bu barada öz doganyna aýdýar. Ol bolsa Jüneýt hana wepaly eken, egelenmän dildüşikçileriň niýeti paş edilýär. Özleriniň paş edilendiklerini bilip, Durdy baý we Handurdy han dagy gaçýar. Olaryň yzyndan yberilen kowgy atyşyga giririp, boş dolanyp gelýär. Ýöne Begnçow juda mekir we seresaply hereket edeni sebäpli, Jüneýt hanyň ynamyndan gaçmandyr, öňküsi ýaly gulluk etmegini dowam etdiripdir, ol aýdylyşy ýaly, «suwdan gury çykypdyr». Soňra Amanly baý Eýrana gaçyp gidipdir. Sebäbi ÇK-istler bu işde öz elleriniň bardygyny gizljek bolup, ony ýok etmek kararyna gelipdirler. Begnçow bolsa syr baryny bilýän eken.

1924-nji ýylyň ýanwarynda Hywa Sowet-Şura Sosýalystik Respublikasynyň köp etraplarynda bolşewik düzgüne garşy gozgalaňlar tutaşypdyr. Gozgalaňçylaryň giýň goldawyndan peýdalan Jüneýt han Daşhowuzy, Piteň,

Gürlen, Gazawad ýaly ýerleri basyp alypdyr, Hywany we Täze Ürgnji gabapdyr. Hywa hanynyň üstünlikleri bolşewikleriň arasyna aljyraňňylyk döredipdir. Jüneýt hanyň atlylaryna garşy Ferganadan getirilen goşunlaryň toparlary, howlukmaçlyk bilen düzülen meýletin toparlar söweşe girýärler. Gozgalaňy ýatyrmaga Türküstan frontynyň beýleki söweşjeň bölümleri hem söweşe sürülýär, olary howadan Türküstan frontynyň uçary goldapdyr.
Gýüýçler düýpgöter deň däldi. Gozgalaňçylar grajdanlyk urşuň mekdebini geçen, W.Y.Çapaýowyň egindeşleri Kutýakow, G.Markowiç, A.Luçenskiý ýaly professiýonal harby serkrdeleri herekete girizen harby maşynynyň astynda galdylar. Bolşewikler, şeýlelikde Gyzyl goşunyň tiz hereket edýän bölümlerini, harby tälim öwrenmedik, ýaramaz ýaraglar bilen ýaraglanan, harby düzgün- nyzamy pes guramaçylykly, ýöne parahat ilatyň aglaba köpçüliginiň goldawyndan peýdalanýan gozgalaňçylaryň garşysyna, berk jeza çäresini ulandylar, gozgalaň rehimsizlik bilen basylyp ýatyryldy. Jüneýt han ýeňlişe sezewar boldy, ol öz toparyny saklamak üçin olary Garagumda gizlenmäge mejbur boldy.

Jezaberiji goşun öňunden çykan obany ýer bilen ýegsan edipdir. Ýomutlar bu tragediýany hem-de gyzyl goşun esegrleriniň ýetip gelýändigini eşidip, her kim duran-duran ýerinden öý-öwzaryny, ähli zadyny mal-garasyny taşlap, kim ýabyly, kim düýeli, kim öküzli, kimem pyýada, oglan-uşaklaryny alyp, söm-saýak bolup ugrapdyrlar, olar ýol-ýodasyz, suwsuz ýerden müňlerçe çakyrym/agaç ýol aşyp, Hazar deňziniň kenarlaryna, Türkmensaheranyň kümüş_depä we beýleki Türkmen obalaryna siňipdirler.

Türkmenleriň erkinlik ugrundaky hereketiniň garşysyna bu gezekki urlan zarba ykdysadyýeti we oba hojalyk düzgünini tozdurupdyr. Türkmenistanda oba hojalyk pudagynyň dikeldilmgi 1927-nji ýylyň başlarynda zordan ýola goýulýar. Diňe bir hojalyk weýrançylygy däl, nahak dökülen ganlara näme dijek? Garaguma gany siňen müňlerçe ýigitleriň ahy, olaryň ýýzynda galanlaryň nalasy halkyň ýürgine dag basdy. Emma synpy göreşi /baýlary ýok etmek/ heme zatdan ileri tutan bolşewikler şonça betbagtçylyga-da

bolaýmaly zat hökmünde düşündiler. Ol bolsa soňra has uly pydalara, ägirt mural-ahlak sarsgynlara alyp bardy.

Häkimiýetleriň ýýzarlaýandygyna garamazdan, Jüneýt han belli bir wagta çenli, Türkmenistanda ýerli ilatyň giň gatlaklynyň diňe bir ýaşryn däl, eýsem aç-açan goldawyndan hem peýdalanýar. “GPU” organlary ony halkyň arasyndaky daýanjyndan mahrum etmek üçin üç sany operatiw topar dörtmek bilen, giň gerimli oprasiýalary geçirmäge girişýär. Şol toparlara harbylar, ÇK-istler bilen birlikde “hakyna tutulan jansyzlar” hem girýärdi, olar obama-oba aýlanyp, “basmçylaryň” toparlaryna ýardam berýän ýaranlaryň sanawyny düzýärdiler. Adamlary şeýle usul bilen awlap, işanlary, ahunlary, tire-taýpa serdarlaryny, ýöneki daýhanlary, çopanlary-jemi 130 adamy tussag etdirýärler. Türkmenistanyň komunistik partiýasynyň merkezi komitetiniň sekretary Halmyrat Sähtmyradowyň baştutanlygyndaky hökümt syýasy komissiýasynyň karary bilen 48 adam suda berilýär, 56 adam sudsuz we derňewsiz atylýar, 25 adamy bolsa “ýöňkelýän güna tutaryklarynyň ýeterlik däldigi sebäpli boşadýarlar.[23]

1924-nji ýylyň ýanwar-aprel aýlarynda urlan urgulardan soň “basmaçylyk” hereketi aýňalmajak ýalydy, emma örän tiz wagtyň içinde “basmaçylyk” hereketi ýene-de aýaga galmaga güýç tapdy. Ýöne ol indi göreş taktikasyny üýtgetdi: partizanlar bir ýere toplanman aýratyn toparlara bölünişip hereket edip başladylar. 1924-1925-nji ýyllarda Türkmenistanda şeýle toparlaryň 50-ä golaýy bolup, olaryň diňe eline ýarag alyp, ata münüp çykan söweşijileriň umumy sany, doly maglumatlara göra, 2000-denem geçýärdi. Ýaragly toparlardan Daşhowuzda Şaltaý batyryň, Ahmat begiň, Ýerbentde Berdimyradyň, Maryda Durdy baýyň, Kerim hanyň (buluçlaryň topary), Tejende Hojaguly hanyň, Kerkide Jora Emiriň, Gylyç Mergeniň, Gazanjykda Arazgylyç mollanyň toparlary has iri toparlardy. Hereketiň baş seranjamjysy, ruhlandyryjysy, adatça bolşy ýaly Jüneýt handy. Ol öz atlylary bilen Orta guýuda mekan tutupdy.

[23] R.Esenow: «Jüneyt han makalasy... şol ýerde.

“Basmaçylar” bilen bir hatarda galtamanlaram pýeda bolupdyr. “Basmaçylaryň” düýp maksady Sowet häkimiýetini ýykyp, “kapyrlary” ýurtdan kowmak bolsa, galtamanlar ýol kesmek, il talamakdy. Onsoňam basmaçylar Gum içinde bolup, wagtal-wagtal medeni zonadaky obalaryň üstüne dökülen bolsalar, galtamanlar gös-göni medeni zonada ýaşap, ilaty talaýardylar. Mysal üçin, Ýylanlyda Anna balaň galtaman topary obalaryň üstünden musallat bolup indi. Bu bolsa partizanlaryň asylly göreşine we onuň abraýyna şikest ýetirýärdi, bolşewikleriň hüjümine bahana berýärdi. Halk ondan gorkýardy. Onsoňam Anna bala öran uly mülkdardy hem söwdigärdi. 40 müň manat berip kärndesine/ejare alansoň, ol Daşhowuz we onuň töweregindäki ähli bazarlarynyň eýesidi. “Yzmykşir”de Gulamaly han özüne gala saldyryp, töweregine onlarça atly toplapdy, ýol urup, kerwen talaýardy. Ol öz obadaşlaryna ekdirip, orduryp, 100 hektara golaý ýeriň hasylynam alýardy.

1924-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda Jüneýt han “Horzm Halk Respublikasyna” garşy baş götrip, Daşhowuz, Maňňyt, Şabat, Gazawat, Haňka ýaly ýerleri eýelýär, emma gyzyl goşun olary ýene-de Guma tarap ýýza serpikdirýär. Şol ýylyň awgustynda Jüneýt han oturan ýerinden “Peşge” guýa tarap çekilip, bu ýerde bolşewiklere garşy harby merkez dördýär.

1925-nji ýylyň iýunynda/june Gulamly han Sowet organlary tarapyndan duýdansyzlykda öldürilýär. Gulamlynyň ölümi galtaman toparlarynyň serdarlaryna özbuluşly bir duýduryş bolýar. Olaryň birnäçesi, şol sanda Anna bala-da, şu wakadan soň öz atlylary bilen baryp Jüneýt hana goşulýar.

Jüneýt hanyň mekan tutan ýeriniň-Orta guýy, Balişem, Çyryşly guýularyň ýene-de mähellesi artýar. Oňa Daşhowuz etraplaryndaky özbek “basmaçylaram” gelip guşulýar. Onda-da Han açyk söweşe girmekden saklanýar. Ol amatly pursat gelýänça, Sowet hökümti bilen ylalaşyp ýaşamaga mejbur bolýar.



**Bütin Türkmenistan Gurujy Gurultaýa gatnaşan delegatlar. Ortadaký oturanlar soldan 2-nji N.Aýtakow 3-nji G.Atabaýew. 1925.ý**

1925-nji ýylyň fewralynda Jüneýt han Aşgabada “Bütin_Türkmen Sowetleri”-niň 1-nji Gurujy Gurltaýyna öz wekilini-Abdulrahman ahun Gurban seýid ogluny yberýär. Wekil, hanyň gurultaýa ýollan hatyny mejlisde okap berýär. Şol hatynda Jüneýt han “basmaçylara” töwekgelçilik edilmegini, indi olary ýýzarlaman, belli bir ýerde mekan tutmaga rugsat berilmgini soraýar, gurultaýyň kabul eden kararyny hormatlap doly berjaý etjekdigini ynandyrýar[24].

Gurultaý, Hanyň haýyşyny kanahatlandyrýar, ýöne beýle ylalaşyk uzaga çekmeýär. Bu gezek ýagdaýyň ýitleşmegine, ähtimal, daşarky wakalar täsirini ýetiren bolmaly. Demirgazyk Eýranyň Horasan we Astrabat welaýatlarynda, Etrek-Gürgn etraplarynda ýaşaýan Türkmenler şanyň zulmuna garşy baş göterýärler. 1924-nji ýylyň maýynda Türkmensähraly Türkmenler garaşsyz Türkmen respublikasyny döredip, Osman ahuny onuň prezidentligine saýlapdylar. Eýran şasy Yrza dergazap bolup, Türkmenlere garşy jeza beriji

[24] Gaýgysyz Atabaýew we Nedirbaý Aýtakowyň baştutanlygynda geçirlen bu ilkinci gurultaýda haçan-da Jüneyt hanyň haty okalanda delegatlaryň ayaga galyp el çarpandygy aýdylýar.

goşun iberýär. Emma Nepes serdaryň 2000 atlysy, Allaýar hanyň 500 atlysy, Göki serdaryňam 500 atlysy birleşip hökümet goşunyny kül-peýekun edýärler. Yrza han indi ähli güýjüni toplap, Germanýadan 25 sany Ýunkerz uçar satyn alyp, Alman lýotçiklerini/pilot/ hakyna tutýar. 5000 adamly jeza beriji ekespedisiýanam dişine çenli ýaraglandyryp, 1925-nji ýylyň ýazynda ”kakabaş Türkmenleri amana getirmek üçin” ýola salýar. Ýokardan pilotlar Türkmen obalaryny öwrän-öwrän bombalasalar, aşakdan yzgyýtsyz gyzylbaşlar öňünden çykany gylyçdan geçirdiler. Türkmenlere bolsa hiç ýerden kömek bolmady. Şonda-da olar mertlerçe söweşip, 1925-nji ýylyň güýzüne çenli garaşsyzlygyny saklamagy başarýarlar.
Ýüregini bire baglap, Türkmeniň erkanalygy diýip ata çykanlar üçin, elbette, munuň täsiri boldy. Gana gark edilendigine garamazdan, dagyň aňyrsyndaky arkadaşlaryň özbaşdak Türkmen döwletini gurup, ony bir ýarym ýyla gulaý saklap bilmegi basmaçylyk hereketiniň täzeden göterilmgine getirdi. Basmaçylar ylaýta-da Mary etraplarynda häkimiýetiň ynjalygyny gaçyrdy. Bu ýerdäky basmaçy toparlarynyň serdarlary Berdimyrat, Hydyr ärsary, Hangeldi, Annageldi sary, tiz-tizden Jüneýt hanyň ýanyna gatnap başladylar.

Syýasy ýagdaýyň üýtgemgi bilen Jüneýt han has arkaýynlaşdy. Onuň atlylary diňe bir Gum içinde däl, eýsem respublikanyň ähli raýonlarynda gypynçsyz aýlanyşyp ýördüler. Ylatyň belli bir bölegi partizanlara açykdan-açyk ýardam edýärdi. Mysal üçin, 1925–1927-nji ýyllarda çarwalar hana öz mallarynyň kyrykdan birini zekat berdiler. Hywa-Ahal-Gürgn aralygynda gatnaýan kerwenler bolsa harydynyň ýa-da malynyň bäşden birini paç tölediler.
Häkimiýetiň jezalandyrmagyna garamazdan, halk Jüneýt hana ýakyndan kömek berýärdi. Garagumyň uzak öri meýdanlarynda, obalarda we şäherlerde, çarwa-çopanlaryň we daýhanlaryň arasynda hanyň adamlary köp bolupdyr, onuň çaparlary-habarçylary Aşgabat, Tejen, Mary, Bäherden, Sarahs ýaly şäherlere we etrap merkezlerine aralaşypdyrlar, daýhanlaryň, şäherlileriň illerini gözgçilik etmek bilen bilipdirler, häkimiýetleriň planlaryny we niýetlerini osmakladyp/haýdan-haý bilmäge çalyşypdyrlar, harby bölümlerini ondan-oňa gonup- göçmgine degişli maglumatlary ele

salypdyrlar. Jüneýt hanyň ynamdar adamlarynyň arasynda diňe bir Türkmenler däl, eýsem, komunist düzgünine garşy rus milltinden hem adamlar bolupdyr. “aragatnaşykçylar” hana Aşgabatdan, Daşhowuzdan, Hywadan, gozgalaň-çylaryň hereketine duýgudaşlyk bildirýän adamlaryň, esasan beýleki şäherlerinden we etraplaryndan maglumatlar gtiripdirler.

Bu hereketiň köpçülikleýin goldanylandygyny, Jüneýt hanyň toparynyň, Gyzyl goşunyň atly bölümleriniň zorlukly hüjümlerinden söweş edip, az sanly ýigitler bilen sypmagy başaryp, Gumda ondan-oňa geçip ýörmegi şaýatlyk edýär. Jüneýt han olaryň hüjümini saklap, 1926-njy ýylda söweşler edip, Türkmensäheranyň giýňliklerinde ýaýylyp ýatan Eýran Ýomudystanynyň çöllerine çekilýär, şol ýerden hem serhediň iki tarapynda-da ýaşaýan Türkmenlerden adam güýjüni we ýarag kömegini alýar.

## 5-Jüneýt han Britanianyň içalysymydy?

Jüneýt han daşary ýurt Türkmenleriň goldawyndan hem peýdalanypdyr. Onuň ibern wekilleri 1927-nji ýylyň güýzüniň ortalarynda Owganystandan 200 sany, soňra-da 700 sany üç nilli tüpňi we köp ok-därini alyp gelipdirler. Jansyzlaryň habarlaryndan we iňlisleriň görkezmelerinden çen tutsaň, “GPU”nyň arşiwlerinde Jüneýt hanyň we onuň ynamdar adamlary iňlis razwedkasy/jasusi teşkilaty/ bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyrlar diýen delilsiz tekrarlamalardan doly bolmaly, ýaraglary hem-de ok-därini iňlisler berenmiş.

Emma ol tekrarlamalary tassyklaýan ýekeje-de hat, ýekeje-de agramly, ynandyryjy dokument ýa-da fakt getirilmeýär, diýseň şübheli çeşmeler ýa-da totalitarizmiň döwürleýin metbugatyna salgylanmalary bolsa hasaba alar ýaly däl, sebäbi olar propagandistik zynjyrdan halas bolmandy. Bu barada ýazyjy Rahym Esenow şeýle maglumat berýär:

> “...Käbir çap edilen matrýallarda mysal hökmünde Jafar Burkazyň/horazyň/ ady getirilýär, ol oktober ynkylabyndan soň iňlisleriň Maşatdaky konsul hanasynda işläpdi. Dogrudanam, “GPU”niň derňew matriallarynda onuň adyna köp duş gelinýär.

rewolusiýadan ozal ol patyşa garawulynyň agenti/habarçysy hökmünde belli bolupdyr, soňra bolsa, tussag edilenleriň görkezmesine göra, ol iňlislere gulluk etmäge geçmeniş. Soraglaryň protokullaryny ünsli okap çyksaň, sorag astynda bolanlaryň hiç biriniň-de Jafar Burkazy öz gözleri bilen görmändiklerini, görkezmeleri eşitmiş gürrüňleri arkaly berendiklerine göz ýetirýärsiň.

Gyýtaklaýyn matriallardan çen tutsaň, Jafar Burkazyň iňlis içalysydygyna garanyňdan, onuň "GPU"nyň gizli işgäri, jansyzy bolan ýaly, belki-de, ol iki hojaýynyň guly bolandyr? 1929-njy ýylyň ýanwar aýynda iňlis konsulhanasynyň peýdasyna içalylyk etmekde, konter_rowlusiýon/ynkylaba garşy/ işde peýplanyp, tussag edilenleriň arasynda Jafar Burkazyň üç ogly bardy. soňra atuwa höküm edilen Annageldiniň jezasyny 10 ýyl konst lagerde/ordugah kar ejbari/ oturmaga çalyşdylar, Jafaryň beýleki iki ogly Anna_Ahemd we Anna_Sapary bolsa "günäleri subut bolmady" diýip, boşadyp goýberdiler. Şol bir wagtyň özünde olaryň "galp ýaranlarynyň" ählisini iň ýokary çäre-atuwa höküm etdiler.

Bu "iş" boýunça jemi 44 adam atylypdyr. Ol döwürlerde "GPU" öz torlaryndan diňe jansyz ýa-da prowokator bolup hyzmat etmäge razylyk berenleri, namartlanlary boşadýardy. Bu ýerde gürrüň bolsa iňlis okkupasiýon/eşgalçy goşunlary bilen daşary ýurda giden "baýry rus hem-de iňlis içalysynyň" ogullary barada barýardy ahyryn. "GPU"-nyň Jafar Burkazy Eýrandan/Türkmensaheradan "ogurlap almaga" ýeke gezekem synanşyk etmändigini näme bilen düşündirip bolar? Ýogsa, olarda bu ugurdan hem ýeterlik tejribe bardy: Türkmenistandan gaçyp giden Orazmuhammet Wepaýewi aldaw ýoly bilen tutup gtirip, ölüm bilen jezalandyrypdyrlar, ol "zandy ýaman iňlis içalysy Jafar Burkaz ýaly" Sowet gurluşy üçin howuply adamam däldi. Ýa-da ÇK-istleriň Jüneýt hany ele saljak bolup eden pyrryldaklary hem Burkazly mesele de böwrüňi diňldýär.

Sowet adamlarynyň işleriniň köpüsiniň içinden Orta Aziýadaky “basmaçylyk” hereketine, esasan, Britan imperýalizmi tarapyndan meçew berlendigi hem-de iňlis gulluklary tarapyndan öjükdirlendigi hakyndaky pikir eriş-argaç bolup geçýär. Şeýle tekrarlama dürli öwüşginlerde köp monografiýalarda, çeper esrlerde, kinofilmlerde göze ilýär. Orta Aziýada rewolusiýa we grajdanlyk temasyna ol ýa-da beýleki derejede degip geçen, şonda “iňlis temasyna-da” göz ýummadyk Türkmen alymlarynyň, ýazylarynyň atlarynyň uzyn sanawyny getirip bolar, şu setirleriň awtory [R.E]hem olaryň arasyndadyr. Ýöne totalitar döwlet hem, sosýal sargydyny ýerne ýetrip, synpy taglymatdan gelip çykýan matlaply kadalarynyň tabynlygynda bolmaklary olaryň günäsi däl-de, eýsem betbagtlygydyr. «Basmaçylyk: döremegi, mazmuny, synmagy» atly kollktiw işiň ýokary hünärli awtorlarynyň ýalňyşmagyna Aşgabatda 1977-nji ýylda neşir edilen «parahatçylykly zähemtiň goragynda, Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygy organlarynyň taryhyndan» diýen ýygyndysy düýpli täsir edendir. Bu ýygyndynyň köp sahypalaryny KGB-niň işgärleri Türkmenistanyň ÇK-istleriniň toslap tapan «Türkmen azatlygy» boýunça tussag edilen adamlaryň görkezmelerine esaslanyp ýazypdylar. Reperssiýa/tutha-tutlyklara sezuar edilenleriň köpüsi öz janyndan gorkup ýa-da olara moral hem-de fiziki taýdan basyş eden sülçileriň/bazju/ ugruna gidip, «basmaçylaryň baştutanlary bilen Maşatdaky konsulhananyň aragatnaşygynyň bardygyny tosladylar, ol hamala, hereketi ýarag, pul, gyzyl bilen üpjin edenmiş, üstesine-de Türkmenistandaky ýaşryn işleýän anti_Sowet guramanyň içalylyk-ýykgynçylykly işini gönükdirýärmiş. Elbette, munuň özi «GPU»-çileň elini boşadýardy, gozgalaňçylar hereketini rehimsiz basyp ýatyrmak ugrunda Sowetleriň we bolşewikler partiýasynyň alyp baran syýasatyny aklaýardy. “Deňizleriň eýesi”, şeýle hem Hindistan ýaly deňiz_ýaka koloniýalary bolan beýik Britaniýa, Orta Aziýa hiç hili gyzyklanma bildirmändir diýip, elbette, inkär edip bolmaz. Ýöne bu gyzyklanmanyň asyryň soňky çär_ýeginiň başlarynda mese-mälim

gowşaşypdyr. Belki, şonda Britania Türküstana içgin aralaşan orsýetiň bu ýaglyja lukmany hiç kime bermejekdigine göz ýetirendir? Emma orsýetde oktober ynkylapynyň turmagy, grajdanlyk/içerki/ urşunyň tutaşmagy, «antanta» döwletleriniň çozup girmegi, beýik Britanianyň öňki işdälerini açan bolsa gerek? Analiz etmäge ökde, sowuk-ganly iňlisler, tapdan düşen tzarizmiň ýerine ekestremistik bolşwizmiň gelýändigini görendirler, ol hem edil özünden ozalky hökümt ýaly, patyşa orsýetiniň gyrak-çetlerindäky oňki koloniýal ülkeleri hiç kime bererli däldi, onsoň iňlisler bu golaý wagtlarda Orta Aziýa hojaýyn bolmak baradaky badyhowa arzuularyny ýene-de jaýlamaly boldular. Paýhasly, tebigi aýawlylyk adam we maddy resurslary çar ýana derekesiz dargatmaga ýol bermdi. Britania "öz" ak ýagyzlarynyň eli bilen söweşmek islemän, Türkmenistana we Azrebaýjana, esasan, garaýagyzlardan düzlen batalýonlary iberdi ahbtin.

Sowet taryh ylmy taryhy häkimiýeti elinde saklaýanlaryň göwnünden turmak üçin ýaranjaňlyk edip ýülmäp ýazýardy. Taryhçylaryň tassyklamagyna göra Jüneýt han, hamala daşary ýurtly ýörite gulluklaň buýrugyny alyp, Sowet häkimiýetine garşy pitne turzanmyş. Döwlet howpsuzlygy organlarynyň gizlin çeşmeleri bolsa, tersine, Jüneýt hanyň Gyzyl goşun bölümleriniň hüjümlerine gaýtawul hökmünde girnedigini tassyklaýar."[25]

[25] R.Esenow: «Jüneýt han-Türkmen gozgalaňçylarynyň serdary», makala.



THE HISTORY OF
THE CENTRAL ASIAN
REPUBLICS

Peter L. Roudik

Greenwood Press
Westport, Connecticut • London

The Basmachis fought a number of campaigns between 1922 and 1931, before they were defeated by the Soviet army. For example, in 1922, the Basmachis created a government crisis in Bokhara when the state's police chief joined the resistance and took the entire force with him. The unity of the ruling party was broken, and the Bokharan government faced the question of whether to support the insurrection or remain faithful to the revolution. In mid-January 1924, Junaid Khan attacked Khorezm, starting uprisings throughout the country. It took seven months for the Red Army to expel the rebel force. In July, Junaid Khan managed to escape to Persia and then to Afghanistan. The Soviets sent as many military and secret police resources into Khorezm as they could spare, but guerilla raids and other anti-Soviet activities continued for the remaining months of the Khorezm republic despite harsh repressions. It appears that the Basmachi movement was never completely destroyed. These Islamic fighters against bolshevism relocated to neighboring Afghanistan and continued their resistance from there. Their

## 6 -Jüneýt han we Gaýgysyz Atabaýew

TSSR Halk Komissarlar Sowetiniň başlygy, Türkmeniň söwer ogly Gaýgysyz Atabaýew emele gelen ýagdaýdan çykalga gözleýärdi. Ol synpy göreşiň bähbitleri üçin bir halkyň wekilleriniň biri-birini çapmagynyň ýalňyşdygyna, bu betbagtçylygyň her edip, hesip edip öňüni almagyň zrurdygyna düşünýärdi. Şu makesat bilen ol Jüneýt hanyň ýanyna ýörite wekiller iberip, onuň bilen gepleşikler geçirýärdi, oňa azyk kömgini-de berýärdi. Mysal üçin, 1925-nji ýylyň aprelinde, G. Atabaýewiň gös-göni görkezmsi boýunça, respublikanyň fondundan Jüneýt hana 2000 put bugdaý we 6 put gök çaý berildi. 1926-njy ýylyň iýulynda ol ýene-de 500 put, 1927-nji ýylyň iýulynda-da 500 put bugdaý aldy.[26]

[26] Bu kömekler soňra Atabaýewiň basmaçy banditlere ýardam berenlikde garşysyna peýdalanyp, ýok edilmegine bir bahana bolýar. (A.G)



Arşiw materiýallarynyň arasynda G. Atabaýewiň, Jüneýt hana ýazan hatlaryndanam saklanyp galany bar. Yne, şolaryň biri (ol 1926-njy ýylyň 2-nji oktoberinda ýazylypdyr):

«Hormatly Gurbanmämmet serdar!

Häzirki wagtlarda Daşhowuz okrugynda galtaman köpelip, birnäçe etmişli adamlar özbaşyna atly topar gurap, garyp-pukaralary talamaga başlapdyr. Galtamanlaryň köpüsi garamatdan gutulmak üçin özüni siziň adamyňyz görkezip, soran adamlara Jüneýt hanyň adamsy diýip aýdýarlarmyş, ýene-de halk arasynda, belki gandarlarymyz sizden aryny almak üçin Daşhowuza zat almaga ibern adamlaryňyzy galtaman diýip, ýerli hökümtlere arz edip, olary mydama siziň üstüňiz küşgürmekde..

Onuň üçin Daşhowuz hökümetlerine şeýle işler bolan wagtda sere-sap bolmalydyr diýip buýruk edildi. Şu hallara barabar siziň özüňizi we baran adamlaryňyzy ö taryk(şular ýaly) işlerden goramak üçin

> Daşhowuza her bir adam iberniňizde, olara ozaly bilen hökümtlere baryp, öz gelendiklerini bildirmesini laýyk bilýäs, çünki Daşhowuz ýagdaýynda şeýtmesňiz, başga çäre ýok. Daşhowuz hökümtlerine hem şeýle buýruk edildi. Jüneýt hanyň adamlary gelenlerinde, tizlik halda olaryň işini bitirip goýbermelidir diýip.»

Türkmenistan halk komissarlarynyň 1927-nji ýylyň 18-nji iýunda kabul eden kararynda öz ýanynda 200 gowragy maşglasy bolan Jüneýt hanyň hojalygynyň ýerleşdirilmginiň uly syýasy ähmiýetiniň bolandygy agzalýar. Olary ýer-suw bilen üpjün edilip, arkaýyn ýerleşene çenli dürli kömekler goýberilýär. Şonuň bilen baglanşykly Ahundowyň baştutanlygynda düzülen hökümt komisýasy üç gezek Garaguma, Jüneýt hanyň ýanyna baryp, olaryň asudalykda ýaşamaklary barada gepleşikler geçirýär. Şeýdip, Gaýgysyz Atabaýewiň bu adamekärçilikli syýasaty netijesinde Han we onuň atlylarynyň çarwaçylyk bilen meşgullanmagyny we parahat oturmagyny gazanylýar.

Halkyň erkinligini hem ar-namysyny goramaga bil baglan Jüneýt han, bolşewikleriň eden-etdiligine göz ýumup, asuda oturyp bilmeýär. Baryp 1924-1925—nji ýyllarda Türkmenistanda Sowet hökümti «milli serhetler» we «ýer-suw» reformalaryny başlatdy. Türkmen halkynyň däp-dessurlaryna ýat hem ters gelýän bu düzgünden nägile bolanlar, topar-topar Garaguma Jüneýt hanyň ýanyna sygynýarlar. Hanyň özi-de bu bolup geçýän sütmlere göz ýumup otrup bilmeýärdi, onuň ýakyn ýoldaşlary Ahemet beg, Ýagşygeldi, Şaltaý batyr we başgalar mahal-mahal aýaga galyp, Sowet häkimiýetine degdim- gaçdym taktikasynda, zarba urýardylar.



**(sagdan): N. Aýtakow H. Sähetmyradow G. Atabaýew**

Gaýgysyz Atabaýewiň töwekgellik edip Jüneýt han bilen aragatnaşyk saklamagy, oňa degerli wagty azyk kömeklerini bermegi Hana täsir edipdir. Ol töweregindäky 200 hojalyk bilen «Was»da özüne mekan tutmaga razy bolupdyr. Şu makesatlar üçin TSSR halk komissar şurasynyň 1927-nji ýylyň 18-nji ýýunynda kabul eden kararyna görä, 150 müň manat pul göýberilipdir. Şol serişdäniň hasabyna Amy derýadan Wasa kanal çekmek, bu ýerde göçüp gelenlere ekin eker ýaly 5000 hektar ýer açmak göz öňünde tutulýardy. Belki, bu karar durmuşa geçip, Jüneýt han Wasda ornaşyp-yýnjalan bolsa ýarag taşlansa-da taşlanardy. Emma Türkmenistanyň komunistik (bolşewik) partiýasynyň merkezi komitetinyň şol wagtky ýolbaşçylary kejine tutdylar. Ylaýta-da merkezi komitetiň jogapkär sekretary Halmyrat Sähetmyradow[27]

---

[27] Atabaýewiň Etrek-Gürgen Türkmenleriniň jemhuriýet gurmak ugrundaky göreşine ýardam berjek boluşynyň öňüniň alynşy barada onuň egindeş ýoldaşy Halmyrat Sähetmyradowyň, Türkmenistanyň Kommunistik Partyýasynyň ijraýie komitetiniň bilelikdäki plenomyda şeýle sözler bilen çykyş edipdir:

«Sähetmyradow: Indi Atabaýew ikimiziň arasyndaky göreş hakynda;
Bu göreşi häzire deňiç ýoldaş Atabaýew we ony goldaýan ýoldaşlar partyýa liniýasy bilen göreş diýip haslap geldiler.
Buroda nähili agzalalyk bardy? (Birinjiden, ikinjiden, üçünjiden diýip Sähetmyradow Türkmenistanda ýer-suw reformalary hakynda gürüň gozgaýar.)

**Dördünji mesele:** Ýomutlaryň Gürgendäki gozgalaňy- Atabaýew türkmen ýaragly güýçleriniň kömegi bilen olara ýardam bermek we olary bize birikdirmek meselesini goýdy. Biz merkezi komitetde meseläni başgaça goýduk, ýagny beýle etmegiň milletçilikdigini, bu tetelli çözgüdi buržuaz intellegentsiýanyň, Öwezbaýewleriň, Bekgi Berdiýewleriň isleýändigini aýtdyk. Atabaýew! Sen olaryň ideologiýasyny ýöredýäň, beýle etmek bolmaz, bu biziň partiýamyzyň prinsiplerine garşy, bu proletarýat diktaturasynyň bähbitlerine ters gelýär.»

bu meselede Atabaýewi gaty ýazgardy. Ol Atabaýewiň «syýasy şowakörlük edýändigi» barasynda bolşewik komunistik partiýasynyň merkezi komitetinyň Orta Aziýa buýrosyna habar beripdir. «Synpy duşmanlar» bilen arany çöp döwen ýaly etmek, olaryň gün-güzrany hakda alada derek «söýünenlerinde söýündirmek» bellenildi. Hökümetiň, Jüneýt han bilen aragatnaşygy kesildi. Basmaçylyk ýene-de ýetjek derejesine ýetdi.

Tizara Jüneýt han bilen Türkmenistan hökümtiniň arasyndaky gepleşikler kesilýär. Muny ymykly aňan Jüneýt han eýýam 1927-nji ýylyň awgust aýynyň ahyrlarynda öz goragyny güýçlendirip, basmaçylaryň mekan tutan guýularynyň hemesinde öz adamlaryny goýýar. Han öz atlylaryny 12 sany topara bölüp, olara baştutan edip özüniň ynamdar adamlaryny: uly ogly Eşi hany, kiçi ogly Ygdir hany, Şaltaý batyry, Anna balany, Ahmat begi, Durdygylyç hany, Nurgeldi hany, Jana barmagy, Ýazan öküzi, Temiralyny (kazaklaryň serdary), Şakyr balany (Hywaly özbekleriň otrýady), Zaher balany (Şabatly özbekleriň tpğary) goýýar. Basmaçylardan esli bölgini bolsa hut öz ýanynda rezerwde saklaýar. Galyberse-de, han penalap oturan 500 hojalygyny, öý–emlägini 3000 düýä ýüklap Orta guýuň oýundan çykaryp goýberýär. Başgaça aýdylanda, han bolşewikler bilen boljak aýgytly söweşe taýýar bolýar.

---

**Atabayew: Näme üçin biz öz mähriban doganlarımızıñ goragına çıkmalı däl, biz olara hokman kömek etmeli, türkmenler haysıdır bir proletar sıyasatıñ pıdası bolmalı däldir.»**

Bu, ijraýie komitetiniň agzalarynyň gowý ýadyndadyr. Bu meselä merkezi komitetde-de seredildi. Atabaýewiň partyýanyň çygryndan çykýan bu teklibini goldap Atabaýewiň özi hem-de Aýtakow ses berdiler. Haýyp, şonda ýygnagyň stennogramma ýazgysy ýöredilmedi. Yjraýie komiteti köpçülik bolup geçirenimiz sebäpli, agzalan ýoldaşlaryň abraýyny gaçyrmazlyk üçin biz bu meseläni soňra plenomda goýubam oturmadyk. Şol esasda ýoldaş Atabaýew we Aýtakow bilen gatnaşyklar bozuldy. Olar bu göreşde toparlaýyn göreşi gördüler.

**Bäşinji mesele:** Gürgen gozgalaňyna ýardam bermek üçin G.Atabaýew, ozalky ofisser Seýitmyrat Öwezbaýewi ol ýere ibermäge synanşdy hem bu barada maslahatlaşmak üçin ony Daşkende çagyrdy we türkmenleriň ýolbaşçylygyny gurmak üçin Öwezbaýewi Görgene ibermäge synanşdy. Biz Öwezbaýewiň iberilmeginiň öňüni aldyk.»

Seýitmyrat Öwezbaýewin sülçä beren ýazgysyndan: «1911-nji ýýlda Eýrandaký wakalar sebäpli Kümmethowza we Astrabada iberildim, bir ýýl soň ýzýma dolanyp geldim. 1913-nji ýýlda serhet komissarýnýň ýgtýýarýndaký toparda Eýrana täzeden iberildim”. (Seret R.Esenow: Syrly töhmetleriň pydalary.)



Ykinji bir tarapdan bolsa, hut şol wagtyň özünde, ýagny 1927-nji ýylyň sentýaberynda Orta Aziýa harby okrugy Jüneýt hanyň garşysyna Türkmenistanda iki sany (demirgazyk we günorta) goşun toplumyny döredýär. Demirgazyk topluma 83-nji we 84-nji atly polklar, 1-nji Türküstan atyjylar polkunyň batalýony, 1-nji Türkmen atly polkonyň eskadrony, awiasiýa/howa güýçleri/ otrýady, günorta topluma bolsa 1-nji Türkmen atly polky girýärdi. Demirgazyk toplum goşunlaryna Jüneýt hanyň «merkini bermek», günorta topluma bolsa basmaçylar ýýza tesende öňünden çykyp ýok etmek tabşyrylýar. Basmaçylara garşy söweşlerde Türkmenistan komunist partýasynyň merkezi komitetiniň sekretary Halmyrat Sähetmyradow tarapyndan baştutanlyk edilýän döwlet syýasy uprawleniýesi/bölümi, onuň ýerlerdäky bölümleri gatnaşýar. Olaryň tagallasy bilen bu iş Türkmen daýhanlaryndan düzülen meýletinçiler toparlary hem çekilýär.

1927-nji ýylyň 19-njy sentýaberinde Jüneýt hanyň hut özi goşuna baş bolup, ýörise ugrapdyr. Türkmenistanyň çäklerine ser edilende, Garagumda uly uruş başlanypdyr.

Ystanbulda Türküstanly syýasy bosgunlar–Mustafa Çokaý ogly-tarapyndan neşir edilen «Ýeňi Türkestan» gazetiniň 1927-nji ýylynyň dekaber sanynda

Jüneýt hanyň alyp baran bu saparky söweşi hakynda gyzykly maglumat ýerleşdirilipdir:



**«Ýeňi Türkestan» gazeti. Ystanbul. 1927-nji ýylyň dekbery, 7-nji sany**

«Ýomut-Türkmen gozgalaňy: Türküstanda soňky wakalaryň iň möhümi, rus häkimiýetine garşy Türkmenleriň gozgalaňydyr. Türkmenleriň gozgalaňy bolşewik häkimiýetiniň döremginden bäri dowam edip gelýär. Türkmen gozgalaňy bu ýylyň iýul aýna çenli ýomut serdary Jüneýdiň ýolbaşçylygynda alnyp barylýardy. Ýýul aýynda bolsa Jüneýt han Sowet hökümti bilen ýaraşyk baradaky ylalaşyga gol çekip, ýaraglaryny tabşyryp, syýasatdan el çekip ekerançylyk etmek üçin bir obada ýaşaýar. Sowet hökümeti syýasy şertlere göra Hanyň kowumdaşlarynyň we söweşijileriniň arasynda agzalalyk salmak we prowokasiýa etmek işini dowam etdirdi. Könürgenç raýonynyň ijraýie komitetiniň başlyklygyna, ozal Jüneýdiň ýanynda duran Moskwa ÇK(soňraky KGB)-syna içalylyk eden birsi bellenýär.  «Ýer-suw» reforma işlerinde ondan

peýdalanyldy, soňunda ol bütin maşgalasy bilen bir gije «näbelli» ýaragly adamlar tarapyndan öldürilýar...

ÇK. bu jenaýaty Jüneýt hanyň üstüne atýar, aslynda bolsa bu, ýomut Türkmenleriň arasynda agzalalyk salmak makesady bilen, bolşewikleriň öz eden jenaýatydy ýa-da «ýer-suw» reformasyna garşy käbir adamlar tarapyndan amala aşyrylan bolmagy- da ahmal.

Bu wakadan soňra ÇK, pyda bolanlaryň hossarlaryny Jüneýde garşy küşgürýär, netijede, Han bu iki ýüzly syýasatdan bizar bolup, gaýtadan Guma çykýar we Ahmat beg hem Şaltaý batyryň toparlaryna goşulýar.

ÇK-nyň maglumatynda, Jüneýt han Sowetler bilen baglaşan ylalaşygyny bozan hökmünde görkezilýar hem ony Türkmenistanda hereket edýän basmaçylaryň ýolbaşçysy hökmünde iňlislerden ýardam alýan edilip propaganda alnyp barylýar(bu barada köprak maglumat üçin: ser ediň «prawda wastoka gazeti. 1927-nji ýyl, 3-nji noýaber sany)

Jüneýt hanyň gaýtadan ýaraga ýapyşmagy, Türkmen ozgalaňçylaryny aşa ruhlandyrýar.

1927-nji ýylyň iýun aýyna çenli Türkmen halkynyň gozgalaňy yýzygiderli dowam edýär. Bolşewikler bilen Jüneýt hanyň arasynda baglanşylan şertnama esasynda egr-de Han we atylylary asuda otursalar, Sowet häkimiýeti olara zat degmejek. Emma bolşewiklere asudalyk däl-de, Türkmenleri ruhdan düşürmek, olary dyýza çökermek zerurdy. Hatta TSSR-iň ýolbaşçylary G. Atabaýewdir, Nedirbaý Aýtakowlaryň, Jüneýt han baradaky liberal syýasaty bolşewiklere ýaramaýardy. Bolşewikler her edip, hesip edip Han we onuň iki ogluny ýok etmek isleýärdi.

Soňky wakalar barada Daşkentde neşir bolan «Gyzyl Özbgistan» gazetiniň 242-nji sanynda, Sowet hökümtiniň şu aşakdaky bildirişi çap edilipdir:

“Türkmenistanyň Daşhowuz wlaýatynda Hywanyň ýomut Türkmenlerinden Jüneýt hanyň baştutanlyk edýän basmaçylar topary çynlakaý görnüşde hereket edip başladylar. Topara garşy göreşmek üçin, Sowet hökümtiniň Türkmenistandaky ijraiýe komiteti adatdan daşary ýagdaý yglan edip, bütin Daşhowuz raýonyny we Türkmenistanyň içinden geçýan demirýollary harby komissarlygyň berk goragyna tabşyryp, Jüneýt hany bolsa kanundan daşarda adam diýip yglan etdi. Adatdan daşary ýagdaýlar diýilip yglan edilen ýerlerde basmaçylar toparylaryna garşy harby komisiýalar döredildi. Komisiýanyň wezipesi Gyzyl goşuna ýardam etmekden ybarat. Bütin ýerli adaralar bu harby komisiýanyň buýrugy astynda işlemeli edilipdir...komisiýanyň başlygyna bolsa Türkmen komunistlerinden Ahundow bellendi.”



Jüneýt han ilatdan kömek sorap, birnäçe atlysyny Könürgnç, Ýylanly, Tagta raýon merkezlerine iberýär. Han obalarda daýhanlaryň goldawna garaşypdy. Ýöne o diýeni bolmady. Gaýtam, daýhan köpçüligi ýerli bolşewikleriň, komsomollaryň [ýaş jommunist guramasy. AG] ýolbaşçylygynda öz-özüni goraýan otrýadlar düzüp, Jüneýdiň atlylary bilen söweşe girip, Gyzyl esgrlere kömek berdiler. Netijede Jüneýt hanyň ilatdan goldaw isläp, ýerlere iberen atlylary yýzly-yýzyna güýçli garşylyga duçar boldular. Mysal üçin, Könürgenjiň ýolunda Şamyrat ýabyň buýonda, Ýylanlyň ýolunda «Köpükli», «Ketegenli oý» obalarynda, Tagtanyň «Hojakümmt» obasynda atyşyk birnäçe güne çekýär. Hasam Hojakümmtde bolan söweş gazaply bolupdyr. 29-njy sentýaberden başlap 3-nji oktiýabere çenli dowam eden söweşe, Jüneýt hanyň özi ýolbaşçylyk edipdir. «Jan gerekmi, pyçak» tutluşygynda hanyň atlylary näçe gözsüz batyrlyk etseler-de, uçardan ýagýan bombalara, pulemýot oklaryna çäre tapyp bilmediler. Han ýene-de Garaguma çekilmäge mejbur bolupdyr.

Gyzyl goşun bölümleri ýerden, uçarlar ýokardan yýzarlap, «Ata guýuň» oýunda Jüneýt hanyň yýzyndan ýetip, şol ýerde 5-7—nji oktýaberde elhenç gyrlyşyk bolup, basmaçylaryň esasy güýçleri ýer bilen ýegsan edilýär. Jüneýt hanyň kiçi ogly Ygdir han wepat bolýar, beýleki topara baştutanlaryndan Ahmat beg, Anna bala, Jana Barmak agyr ýaralanýar. Temiralynyň (kazaklaryň serdary) otrýadam Jüneýt handan bölünip Goňrat (Garagalpagystan) tarapa gidýär, şol ýerde-de ýaragyny taşlaýar. Jüneýt han galan güýçleri bilen Orta guýa çekilýär. 5-nji noýaberde bu ýerde bolan söweşde basmaçylar ýene-de howadan edilýän hüjüme alaçsyz bolup galýarlar. Bolşewikler olary büs-bütin derbi-dagyn etmek üçin berk çäre görüp gelipdirler, şol esasda ýerden we howadan gozgalaňçylaryň poziýasyna hüjüm edilýär, olaryň üstünden zäherli gaz bombalary atylýar, guýolar zäherleýärler. Ýazyjy Ata Nuryýew , Rahym Esenew we beýlekiler, Jüneýt hanyň bu gozgalaňyny Britan imprýalystleriniň prowokasiýasy diýip häsiýetlendirýärler.[28]

[28] Ýaşlyk žurnaly we Sary domenýonyň kölgeleri.

Halky ruhdan düşürmek makesady bilen Sowet hökümeti Jüneýt hanyň ölendigi hakynda habar ýaýradýar. Ýöne Ystanbulda neşir bolan «Ýeňi Türkestan» jurnalynda bu habaryň toslamadygy habar berilýar:


یکی تورکستان

آیده بر چیقار، ادبی علمی سیاسی اقتصادی مجموعه در

ییل ۱ — ۱۹۲۷ — تشرین اول ، تشرین ثانی — صانی ٥-٦

خان جنیدنی اولدرکانلر دیکان خبر یالغاندر . هنوز خیوه
میدانلرنده یوروبدور . تاش حوز ولایتیده و اونک اطرافیده
باسماچیلر کوبدر . بولاردن عاشور بای دیکانی خیوهده قوانه
توشوب سود بولغان . بو کشی خیوهنک معتبر آدمی ایکان .
بولشهویکلر اوزینی اولترمهکچی بولغانده قاراقومده سید عشاق
دیکان تورکمن باسماچیغه بالا چاقاسنی آلیب قوشولوب کوب
عسکر بیغناغان ایکان . بوغرا سردار ، شالتای باطر دیکان
قور باشیلر مونک آدمی ایکانلر . نیظاملیک عسکری بولوب کوب
اوروشلر قیلغانلر . آخیر اوز آولیغا عسکرسز بارغانیده بر
اوروس جاسوسی تورکمن خیانت قیلیب اورسغه طوتوب بیرگانی.
جنید خان باسماچیلری حاکم بولغان جایلرده سوویت حکومتی
اصلا یوقدر . بو خبرنک طوغرولیغنی سوویت غزیتهلری هم

**Ýeňi Türkestan. 1927-nji ýyl, oktber-noýaber. 5-6 -sany**
**(Mustafa Çokaýyň möheri)**

«Han Jüneýdi öldürgenler digen habar ýalgandyr. Heniz Hywa meýdanlarynda ýörüp dur. Daşhowuz welaýaty we onuň töwerginde basmaçylar köpdür. bulardan Aşyrbaý digeni atli-abraýly adam eken. Bolşewikler ony öldürjek bolganlarynda, Garagumda Seýid Uşak digen Türkmen basmaçyga bala-çagasyny alyp goşulup, köp esgr ýygnagan eken. Bugra serdar, Şaltaý batyr digen kurbaşylar/batyrlar müň adam ekenler. Nezamly esger bolup köp urşlar kylganlar...Jüneýt hanyň häkim bolgan ýerlerinde Sowet hökümti asla ýokdur, bu habaryň dogrulygyny Sowet gaztleri hem ýazgan...»

Jüneýt hanyň ölümi hakdaky ýaýradylan ýalan habar, bolşewikleriň zyýanyna we gozgalaňçylaryň peýdasyna öwrülýär. Daşhowuz etrabynda Aşyrbaý, seýid Uşak, Bugra serdar, Şaltaý batyr ýaly gerçekler köp sanly atlylary bilen bolşewiklere garşy söweşe girýärler. Daşhowuz ýomutlary we teke Türkmenlerinden ýygnanan ýigitlere bolsa Durdymyrat serdar ýolbaşçylyk edip, Gyzyl_arbatda bolşewiklere agyr zarba urýarlar.

Bolşewikleriň öz baglan şertnamasyny özleriniň bozandygy we Gumda ýene-de halk gozgalaňynyň möwç alandygy hakynda «Ýaş Türkestan» jurnalynda şeýle maglumat ýerleşdirilipdir:


باسماچیلق (مشهد مخبریمزدەن)

قارا قومدا دوام ایتب تورغان قالتاماغان حرکاتینی یعنی
باسماچیلقنی حکومت ایمدیگەچە باسترا آلمامشدر. ساویت حکومتی هەر
کیشیگە 15 قاداقدان بوغدای بیلگیلەب تورکمەن وە روسلاردان کو-
کوللو عسکر توپلاب قاراقوم باسماچیلاریغا قارشی یوللامشدر. بونلار
یمەکلەری بیتکەچ باسماچیلارغا تسلیم بولمشلار. باسماچیلار بو کوکوللو-
لەرنگ تورت نفر باشلوغینی آتیب، قالغانلارینی مرحمت ایلە قابول
ایتمشلەردر. خیوەدەندە آلتی یوز قیزیل عسکرنی قاراقوم باسماچیلاریغا
قارشی یوللاغانلار ایکەن؛ بونلاردا باسماچیلار طرفندان محاصرەغا آلینب
تسلیمگە مجبور قیلینمشلاردر. قاراقوم باسماچیلاریغا تورکستانلیلاردان
باریب قوشولوچیلارنگ سانی سوك زمانلار آرتماقدا ایمش. بونلار آرا-
سندا قازاقچیلار هەم بار ایمش. یاقیندا تەجەن ایلە خیوە آراسنداغی منارە
دیگەن یردە زور توقاشو بولوب، نتیجەدە بر قانچا قیزیل عسکرلەر
اولمشلەر وە قالغانلاری تسلیم بولمشلاردر. باسماچیلارنگ قورال جهتندەن
وضعیتلەری اولگیگە قاراغاندا یاخشیلاشمشدر. آرالارندا اوقلار یاساوچی
وە میلتقلارنی توزەتوچی ماهر اوستالاری بارمش. بایرام بوقا اوغلی وە
دوردی مروت اوغلی ناملی باشلوقلاری غایت باتر وە ایشلکلی شخصلار
بولوب مجاهدلارنگ محبت وە حرمتینی قازانمشلاردر.
قیزیل اوردو تەجەنگە یاقین یرلەردە توپلانمشدر.

**«Ýaş Türkestan» žurnaly 46. san**

«Garagumda dowam edip duran basmaçylyk hereketini hökümt häzire çenli basyp ýatyryp bilmän gelýär. Sowet hökümti Türkmenlerden we ruslardan esgrlige giden her kişa 15 gadak bugdaý berjegini aýdyp, olary Garagumdaky basmaçylara garşy göreşe ýollan eken. Olar basmaçylara ýesir düşýärler. Hywadan 600 sany Gyzyl esgrini Garagumdaky basmaçylara garş ýollapdyrlar. Olar-da

> basmaçylara boýun bolupdyrlar. Basmaçylara garşy göreşmek üçin soňky wagtlarda Türkmenistandan köp adam iberlipdir... basmaçylaryň arasynda ok-ýarag ýasaýanlar-da bolupdyr. Baýam Buga ogly we Durdy Myrat ogly dagy batyrlyk görkezipdirler. Gyzyl goşun Tejene ýakyn ýerde ýygnanypdyr.»

1928-nji ýylyň ýanwarynda «1. Türkmen atly polka» we beýleki goşun bölümleri Hywa, Daşhowuz we Çärjew etraplarynda basmaçy toparlaryny rehimsiz yýzarlap derbi-dagyn edýärler. Şol ýylyň ýazynda we tomsunda «2. Türkmen atly polka» tarapyndan Gyzyl_arbat we Gyzyl_Etrek etraplaryndaky basmaçy toparlary hem dargadylýar.

Aşgabatda rus we Türkmen dillerinde çap bolan «Krasnowodskaýa iskra», «Türkmenskaýa iskra» şeýle-de «Türkmenistan« gazetleri Gyzyl goşunyň Garagumda basmaçylar bilen agyr söweşe girendigini habar beripdirler. Şonda basmaçylaryň üstüne uçardan zäherli gaz atylandygy-da habar berilýär. Çarşyly, Dehli, Tuwar we Çetil guýylarynyň töwergindäky basmaçylaryň merkezleriniň dargadylandygy habar berilip, 1-nji oktýaberda bolup geçen söweşlerd ölen Lumanow, Ýankow, Hojaýew, Skolow, Nodaçin, Borowin, Şuçenko we Çary Myradow ýaly bolşewikleriň harby we syýasy komandyrlaryň atlary görkezilipdir.[29]

[29] Türkmenska Iskra gazeti. 16-njy oktýabr sany.



باسماچیلار حرکتی

جونایِد خان اوغلی (مشهد مخبرمزدەن) -- تەجەن اطرافندا
400 آتلی باسماچیلار حرکتدەدرلەر. قوئوپەراتیفلارنی باسیب آزو-
قلار آلوب کیتکەنلەر. یوز آتلی عسکر بونلارغا تسلیم بولغانلار.
باسماچیلار بو قیزیل عسکرلەرگە ایناناسدان اوزلەرینکە قوشمای
اونلارنی بر چیتگە ئاجرەتیب قویغانلار. یوز نفر باسماچی سرخش-
گە قاچیب اوتکەنلەر. چارجوی تاماندا گی تورکمەن تودەلەری
داغیلغانلار. تورکمەنستاننک هەر تاماندا قوزغالیش بار. ساویت
حکومتی 18 یاشندان 50 یاشغاچا قیزیل عسکرلیککە آلماقدا ایمش.
تورکمەن عسکرلەرندەن ایکی یوز نفر چول اطرافیغا قاچیب اوتکە-
نلەر. جونایِد خان اوغلی اندەقلی هراتگە قایتوب کیلمشدر.

**Ýaş Türkestan žurnaly. iýul. 20. san**

Basmaçylar hereketi

Jüneýt han ogly (Maşat muhaberimizdan/habarçymyzdan)

Tejen etrabynda 400 atly basmaçylar hereketdedirler. kopratiwlaryny basyp azyklar alyp gitgenler. Ýüz atly esger bunlarga teslim/boýun bolganlar. Basmaçylar bu Gyzyl esgerlere ynanmazdan özlerine goşmaýarlar. Saragysda, Çärjewde, Türkmenistanyň her ýerinde gozgalaň bar. Sowet hökümti 18 ýaşyndan 50 ýaşga çenli Gyzyl esgerlikge almakda eýmiş. Türkmen esgerlerinden iki ýüz adam çöllere gaçypdyr. Jüneýt han ogly Annakly hyrata gaýdyp gelmişdir. »

Şeýlelikde «2. Garagum urşy» diýip atlandyrylan aldym-berdimli söweşlerem basmaçylaryň ýeňilmegi bilen gutarýar, ýagny uzaga çeken basmaçylyk hereketi birbada gowşaýar. Bellemeli zat «synpy duşmanlaryň kelle çanagyny pytratmakda» Türkmen milli goşun bölümleri giňden ulanyldy. Türkmen esgerini basmaçylara garşy 50-denem köpräk ýörişlere gatnaşdyrmak başartdy. » Söweşlerde görkezen edrmenligi üçin Türkmen

ofiserelerinden we esgerinden ýüzlerçesi hökümt sylaglaryna mynasyp boldular. Gyýsgaça aýdylanda, Türkmenistanda bolşewikleriň synpy göreş syýasaty maksadyna ýetdi: Türkmen biri-biri bilen gyrlyşdy, halkyň milli-ruhy bütiligi çat açdy.



به قهرمان ضد باسماچیها.

ازطرف دهقانهای آزاد

Basmaçylara garşy göreşen gahrymana
Azat daýhanlar adyndan.

Jüneýt hanyň 16 ýyldan bäri ilki rus patyşasyna, şoňa arka baglap, öz ilatyny, aýratynam Türkmenleri elhenç ezip gelen Hywa hanyna, soňra bolsa bolşewiklere garşy alyp baran göreşi ýeňliş bilen gutardy. Ýyl-ýyldan güýçlenýän bolşewistik wagyz-nesihat, badyhowa wadalar daýhanlar köpçüligini aldawa saldy. «Ýagty geljegiň» salgymynda olar «gyzyllaryň» ýýzyna düşnini kem görmediler. Jüneýt han oňa düşündi. Ol täleýiň ters gelmeginiň ähli yzasyny gerdeninde çekip, 1928-nji ýylyň iýunynda serhetden hemişelik geçmäge mejbur boldy. Ýöne ol entegem başky meýlinden el çekmändi…



## 7 -Jüneýt han Türkmensaherada

«Asmanýňdan aýyrpalan uçar,
Köçeleňden awtomobil geçer,
Milletiň Eýrana gaçar
Boş galar Leninniň ýurdy.»
Afan şahyr- Jergelan

1927-nji ýylyň oktoberinde Jüneýt hanyň Garagumda bolşewiklere garşy alyp baran giň möçberli göreşi, onuň soňky söweşi hasaplanýar. Şyhym Sülgüniň ýolbaşçylygynda Eýrandaky Türkmenleriň arasyna iberilen topar, ol ýerden hoş habar bilen dolanyp, Jüneýt hanyň Türkmensahera baryp biljekdigini aýdýar. Han 1928-nji ýylyň iýun aýynyň ahyrynda 600 sany atlysy bilen Sumbar hem-de Etrek derýalarynyň çatyşýan jülgesindäky Çat serhet postynyň golaýyndaky Ygdir olum-Towşangyr geçlgesinden Eýrana/Türkmensähra aşyp, Egri_bogazyň üsti bilen Narly dag jülgesinde,

«Gökçe» daga arka berip mesgen tutýar[30]. Hanyň, Türkmensähera geçendigi baradaky habar eýýam Eýranyň, Türkiýäniň we bosgunlar tarapyndan neşir edilýän metbuatda çap edilýär. Bu barada «Ýeňi Türkestan» gazetinde şu aşakdaky habar ýerleşdirilipdir:


تموز 2-3 (14-15) 33 یکی تورکستان

تورکمن ایلنده

جنید خان. تورکمن ایلنده روس استیلاسنه قارشی
مجادله‌ده 10 سنه دوام ایدن ، جنید خان ، ڭ صوڭ
آیلرده آلتی یوز سواری عسکرلریله ایرانڭ استرآباد
ولایتنه التجا ایتدیکی خبر آلنمشدر.

Jüneýt hanyň Eýranyň Astrabad welaýtyna sygynandygi hakda «Ýeňi Türkestan» neşriniň habary. 1928- nji ýyl. Sentýaber aýy. 2-nji ýyl.2-3 sanlary

> «Jüneýt han. Türkmen ilinde rus istilasyna/ basybal-jylygyna garşy mujadilesi/göreşi 10 sene/ýyl dowam eden Jüneýt hanyň soňky aýlarda alty ýüz suwary /atly esgerleri ile/bile Eýranyň Astrabad welaýatyna iltja etdigi /sygynandygy habar alynmyşdyr. »

Etrek-Gürgn Türkmenleri, öz erkinlik ugrundaky göreşlerini baryp 1916-njy ýyldan başlap, 1924-nji ýylda jemhuriýet düzgünini gurmagyny başarypdylar. Ýöne merkezi hökümt Türkmenleriň bu göreşiniň Eýranda ýaşaýan beýleki halklara-da görelde bolmagyndan howatyr edip, 1925-nji ýylyň oktobrinde Türkmenleriň göreşini basyp ýatyrdy we ýolbaşçylaryny gyrdy. Ýöne Türkmen partizanlarynyň şol sandan Nepes serdaryň we

[30] Aracäkde Hanyň toparyna bolan howa hüjümindäki ýitgiler hakynda serediň «Elimäniň ýatlamalary», H.Hormaly. Gorgan. Feragy neşri. 1377. Parsça.

Annageldi ajyň baştutanlygyndaky degdim-gaçdym urşlar 1928-nji ýyla çenli dowam edýär. hökümt hile we aldaw ýoly bilen Annageldi serdary öldürdýär. Şondan soňra Türkmen atlylarynyň bir bölegine Annageldiň ogly Çopan serdar baştutanlyk edýär, ol öz atlylaryny Türkmensähranyň jümmüşine,Türkmenistan bilen serhet_ýaka daglyk ýerlerine çekýär. Türkmen ýolbaşçylylary Jüneýt hany kümmt gouzyň gaýrasynda, Egri bogazda garşy alýarlar.

Astrabad welaýatynyň harby komandiri serheň Hekimi, Jüneýt hanyň gelmegi bilen Türkmensähraly Türkmenleriň gaýtadan aýaga galmagyndan by_ynjalyk bolup, Türkmenlere haýbat atmak makesady bilen harby uçary obalaryň üstünden pesejik ýerden uçurýar, ol soňra aldawa, mekire baş urup, hökümte wepaly Türkmenlerden; Mämet ahun Jürjani we Merjan han ýalylardan peýdalanyp, Eýran hökümtine boýun bolmaga hem ýaraglaryny bermäge yrmak üçin Jüneýt hanyň ýanyna iberýär.

Bu duşuşyk we Jüneýt han bilen geçiren gepleşigi hakynda şol wagtyň özünde Türkmenleriň adyndan Eýranyň mejlisinde wekil bolan, Mämed ahun Jürjani bir çykyşynda mejlisiň tribunasyndan şeýle diýpdi:

«...چنانکه قبلا امتحان خود را بدولت و ملت دادم و چند مرتبه اسلحه گرفته و کارهای برجسته را انجام دادم که یکی دو قسمت آنرا برای استحضار بسمع اولیای دولت و نمایندگان ملت میرساند. در موقع اغتشاش و جنگ جنید خان حسب الامر اعلیحضرت سابق، مرحوم تیمور تاش وزیر درباروقت به بنده دستور دادند برای کمک فکری فرمانده تیپ و قلع و قمع جنید خان بدشت گرگان بروید. عرض کردم بشرط آنکه بفرمانده تیپ دستور فرمائید که نظریات بنده هم دخیل باشد بعد قبول فرمودند و (آقای فلسفی شما هم وکیل گرگان هستید گوش بدهید ) بفرمانده تیپ هم آنطور که لازم بود دستور دادند.
سپس موقع زمستان در هوای سرد با هزاران مشقت و زحمت زیاد وارد گنبد کاوس شدم دیدم فرمانده تیپ کلیه روسای ایلات را احضار کرده بتصور اینکه آنها با آدمهای جنید که بمیان ایلات آمده مردم را غارت می کردند همدست می باشند میخواستند تحت نظر بگیرند. بنده بفرمانده تیپ که جناب آقای سرتیپ زاهدی بودند عرض کردم که خوب است عوض تحت نظر گرفتن بایشان اسلحه بدهید من خودم ضامن می شوم که وقتی که اینها مسلح شدند یکنفر از عمال و آدمهای جنید خان باقی نماند.
ایشان هم تقاضای بنده را قبول فرمودند از آن ساعتی که بآنها اسلحه دادند ده روز طول نکشید که جنید و اتباعش فراری و بافغانستان رفتند و همین طور در دوره هشتم وکیل نبودم یک اغتشاش در دشت بعمل آمد.
آقای سرهنگ حکیمی که فرمانده تیپ و حکو مت نظامی بودند بنده را خواسته و فرمودند که بدون اینکه سرو صدایی بلند شود بچه وسیله باید رفع این اغتشاش کرد و اظهار کردم قشون کشیدن و سر و صدا بلند شدن گذشته از آنکه طولانی میشود بعلاوه خسارت زیاد وارد میشود بایستی که بیک عده تراکمه اسلحه بدهیم. که خودشان مثل جنگ و دعوای ترکمنی اشراررا تعقیب کنند که به اسرع وقت نتیجه حاصل شود.
چون ایشان هم شخص سیاستمداری بودند پیشنهاد بنده را قبول فرموده فورا ترتیب اثر دادند. در مقابل

خود بنده مخصوصا به اسب سوار شدم برای تسلیم و نصایح اشرار در ظرف ۲۴ ساعت ۳۶ فرسخ را ه را طی کرده و اشخاصیکه از اول بهمراهی بنده آمده بودند با آنکه اسب سوار قابلی بودند خسته شده و طاقت نیاورده بین راه ماندند سپس از محل دیگر همراهی گرفتیم این طاقت و توانائی که در آن روز از بنده ظاهر شد فقط مقاومت اسب سواری بنده بوده که از هر حیث اسب درجه اول بود بهر حال هر کجا که لازم بود رفتم و اقدامات و نصایح لازمه را کردم خلاصه ده روز طول نکشید آن اشرار قلع و قمع شدند. بعد از طرف دولت دو نفر سرهنگ برای بازرسی این پیش آمد بدشت گرگان آمدند که یکی از آنها آقای سرهنگ شاهقلی بودند و قتی که عملیات بنده را مشاهده فرمودند اظهار کردند خوب شد که شما در این دوره وکیل نبودید زیرا که اگر در تهران بودید کسی نبود که این اقدام و عملیات را بنماید.»[31]

Han Jüneýdiň Eýrana geçmegi we Eýran hökümtiniň bu uly söweşijiniň ilerki Türkmenleriň göreşlerine ýetirip biljek täsirinden heder etmekleri ýöne ýerden däldi. Bu wakadan ençeme ýyl soňra Tahran metbugatynda öz beýanyny tapypdyr. Bir topar merkezi neşirlerde Jüneýt hany bet_nyşan, döw (gul) edip görkzmäge syýnanşypdyrlar. Mysal üçin «handeniha خواندنیها diýen jurnalynyň1336-njy ýylyň 9-nji şehriwer aýy 1-2 sanynda,- June 1928- polkownik Ýekrengian (1925-nji ýylda Türkmensahärany gana çaýkan ofiserlerden), Jüneýt hana töhemt baryny atýan makalasyny çap etdiripdir:


خواندنیها ۹ شهریور ۱۳۳۶

چگونه غول ترکمن از چنگ بلشویکها فرار کرد

و باطایفه خود بایران پناهده شد؟

سرگذشت جالب میهمان ناخوانده‌ای که مدتی باتیپ شمال و لشکر شرق جنگ و گریز داشت و باخدعه و نیرنگ سراسر خراسان را طی کرده و سرانجام بافغانستان پناهنده شد

از: سرتیپ یکرنگیان

تیرماه ۱۳۰۷ شمسی

سرهنگ حکیمی ازجنگ ترکمن صحرا بفرماندهی پادگان دشت گرگان تعیین شد، واحدهای هنگ پیاده پولادین وهنگ لاپیوت سوار در مناطق مهم گرگان پراکنده و مراقبند که تیلشان بادهندوستان نکنند.

ترکمن‌ها از این قید و بند و آرامش وحضور سربازان چندان رضایتی ندارند آرزوی یک حادثه و واقعه غیر مترقبه ایرا دارند دلشان برای یک جنگ و جدال داخلی پرمیزند تا تاخت و تازی کرده و دلی از عزا درآورند.

تصمیم خان جنید

خان جنید تاتوانست در ترکستان مانند باروش کج دار و مریز روزگاری میگذرانده وچون وضع حکومت ایران بامزاج او بیشتر مساخت بی‌میل نبوده بعنوان پناهنده بسوی ایران بشتابد ولی شنید تراکمه ایران که هم کیش او بودند بادولت جنگیده وشکست خورده و اسلحه خود را تسلیم نموده‌اند آنجا هم موضوع غارت و تاراج خلاصه مفت خوری خاتمه پیدا کرده بالاخره وقتی که دید بلشویکها تقریبا تمام قلدرها وخوانین محلی را سرو کیسه ودام نموده‌اند و اینک نوبت باو رسیده باخدعه و نیرنگ ماموران سرخ را سرگرم نمود

اموال خود را تدریجا به چرخ نس طلا تبدیل کرد، آنچه ازحیث بها سنگین و از نظر وزن سبک بود بسته بندی کرد با چهارصد نفر از نزدیکان خود بطور ناگهانی بطرف چات حرکت کرد تا ازمرز حرکت کرده بایران بیاید ماموران شوروی که اغفال شده بودند نتوانستند او را تعقیب کنند فقط طیارات روس خط سیر آنها را تعقیب وهنگام عبور از مرز چندین بمب بسر آنها ریخت که در اثر این بمباران یکی از زنها وچند نفر دیگر از نزدیکان خان (که از این ببعد اورا غول ترکمن مینامیم) کشته شدند این روز شنبه دوم تیر و پنجم محرم ۱۳۴۷ بود.

«Türkmeniň aýylganç janawary nädip bolşewikleriň penjesinden sypyp öz taýpasy bilen Eýrana sygyndy?

[31] نطق پیش از دستور محمد آخوند گرگانی. دورهٔ ۱۴، جلسهٔ ۱۲۷، یکشنبه ۳۰ اردیبهشت ۱۳۲۴

> Çagyrylmadyk myhmanyň demirgazyk we gündogar harby birlikleri bilen degdim-gaçdymly atyşyklary, bütin Horasany söküp, Owganystana sygynşynda başdan geçiren wakalary.
>
> Jurnalda Jüneýt hanyň Eýrana sygynşy, Türkmensährada ýaşaýan Türkmenleriň basmaçylyk edendigi, indi bolsa olaryň hepbiginiň berilendigi we... şoňa meňzeş töhemtler we şaunistik sarmamalar bu polkownşk öňe sürülýar.

Eýran hökümtiniň ýaraglary tabşyrmaly diýen talabyny Jüneýt han ret edip, atlylary bilen demirgazyk Horasany aşyp, Owganystana ugraýar. Annageldi ajyň hem-de onuň ogly çopan serdaryň atlylarynyň hatarynda söweşen «Sallah» obasyndan «Jeňňel Kelte» ölmeziniň öň ýanynda (1986-njy ýylda) Jüneýt hanyň Türkmensaherada başdan geçiren günleri hakda şeýle gürrüň beripdi[32]:

> «Han Jüneýt orsden [Türkmenistandan. A.G] çykyp bitak ýaşamaga geldi. Haled_Nebiň gaýrasynda «Üç guýy, Narly» diýa, şunda gelip oturdy. Soň Jüneýd han, ýoldaşy Şaltaý batyr bilen Gürgniň häkimi «serdar ejel» diýa,[serheň Hekimi]ň ýanyna bardy. Men-de bardym. Şunda Hekimi: «ýaraglary beriň» diýdi. Jüneýd bolsa: «biz ýaragy berip, ýaşa bilmeris, ýöne ýarag elimizde galsa, biz harija bilen, ors bilen bolsun her ýer bolsun, urşmaly bolsa-da urşarys» diýdi. Onda ok-ýarag diýseň bol, gorhanasy tükel, özüniň-de 600-700 atlysy ba. O-da bir döwlet. Yrzanyň goşuny olaryň üstüne aýlandy. Jüneýdiň ýoluny bogdula, gökleň ýoluny-da bogdula, kümmt tarapyny-da bogdula. Muny hiç ýaňa çykarmadyla. Sekgiz günlap gabau boldy, Jüneýdi hiç ýere goýbermdi. Ahyrynda şanyň goşuny gyssanyp,

[32] Bu gepleşik göni ses ýazgydan kagyza gecirildi.

Jüneýdiň üstüne çykmaly boldy. T.üpeňleşmäne durdular, ertirki atyşandan tä ikinni-ne çenli, muny hlas etdiler [şanyň goşunyny ýeňdiler-A. G] Han Jüneýt şoň [Eýranyň-A. G] müňe golaý leşgrini gyrdy. Biz-da şuň içinde. Bi-de [Jüneýt han] Annageldi bilen kök-dä. Biz-de kömek berýäs-da. Şu taýda muny [şa goşunyny A.G] leýis etdiler, gyrdyla.

Şanyň dargan goşunyndan ýarag aljak bolanymyzda Jüneýt diýdi: «bir oka-da el dgirmäň, ata-da el degirmäň, meň özümde ýarag-da bol, hernäme islesňiz men-de bar, şuňa el degirmäň» diýdi. Şu wakt şi Mämet ahun ertesi bardy Jüneýdiň ýanyna. Durdygylyç han-da bar, garaz kändi, ýaşuly adamla. Şuny bilmedim, nädip aldady, ýogsam Jüneýd ondan gorkýan zady ýok.

Ýassyn Jüneýt owgana tarap ýola düşdi. Annageldi oňa kömek etmäne 10–15 atly berdi, men-de bar, owgana ýola düşdük. 20 gün ýol ýörap, owgana aşdyk. Bizi üç aý saklady, hezzet-syýlag etdi. Ýene Eýran srhedine girdik, Yndi biziň gaýgymyz ýok, biz näme ýa ölmeli, ýa öldürmli, başga gürrüň ýok, maslahatlaşylgy-da. Şi bilen biz «Altyna»[Altyn tokmak. A.G] geldik. »

Han Jüneýdiň Eýran goşuny bilen çaknyşyklary hakynda Eýranly ofisser/serheň Ýekreňiýan şeýle ýatlamalary ýazyp galdyrypdyr:

**« تیرماه ۱۳۰۷ شمسی**

خان جنید با چهارصد نفر از نزدیکان خود به طور ناگهانی به طرف چات حرکت کرد تا از مرز حرکت کرده به ایران بیاید. مأموران شوروی که اغفال شده بودند نتوانستند او را تعقیب کنند فقط طیارات روس خط سیر آنها را تعقیب و هنگام عبور از مرز چندین بمب به سر آنها ریخت که در اثر این بمباران یکی از زنها و چند نفر دیگر از نزدیکان خان کشته شدند. این روز شنبه دوم تیر [۱۳۰۷] و پنجم محرم ۱۳۴۷[۲۴ ژوئن ۱۹۲۸] بود.

سرتیپ زاهدی فرمانده تیپ شمال مطلب را به تهران تلگراف و کسب تکلیف نمود. در همین روز است که جانبردی خان هم با جمعیت خود از خاک روسیه [تۆرکمنیستان] به ایران تجاوز و در حدود

مراوه تپه میهمان ترکمانان می شود که سرتیپ امان الله میرزا جهانبانی هم مراتب را به تهران منعکس و کسب تکلیف می نماید.

هنوز شاه فقید تصمیم اتخاذ نکرده که سفیر شوروی ضمن یادداشتی می گوید «دوستدار حق مطالب و تسلیم جنید مثل یک نفر جانی مقصر جنائی برای خود را محفوظ میدارم.»

از تهران به لشکر شرق و تیپ شمال دستور داده می شود از این پناهندگان باید طبق خوی و روش ایرانی پذیرایی شود مشروط بر آنکه اسلحه خود را تسلیم نموده و در مرز هم ساکن نشوند. آنها را به داخل خاک ایران کوچ دهید که بهانه ای به روسها داده نشود.

از جمله همراهان خان ۱۵ پسر بزرگ او بودند که همه روزه در رکاب پدر سوار شده به شکار و سوار خوبی می پرداختند.

در این ضمن سفیر روس مجدداً یادداشت مؤکدی به وزارت خارجۀ [ایران]می فرستد و متذکر می شود که پشت مرزهای ما یک عده از دشمنان روسیه مسلح و هر روز ما را تهدید می کنند. طبق بند ۶ پیمان ۱۹۲۱ یا آنها را تسلیم ما کنید، یا اجازه بدهید ارتش سرخ در خاک ایران آنها را تعقیب کند یا اقلاً خودتان به خلع سلاح آنها بپردازید. چون اطلاع پیدا کرده بودند که این کاروان بدون اینکه یک قبضه تفنگ خود را بدهند وارد خاک ایران شده اعلیحضرت فقید گاه، در طول مدت سلطنتش ضمن بی اعتنایی به تقاضای بی مورد همسایگان، مخصوصاً روس و انگلیس میل هم نداشت مرتکب تخلفات بین المللی شده، گزک به دست آنها بدهد. بعلاوه طوایف ترکمن ایران کلیه خلع سلاح شده اند. وجود این عده مسلح فسادی برپا خواهد کرد و تحت عنوان اینکه ترکمنها ممکن است به تهیه سلحه اقدام کنند. بنابراین به فرمانده لشکر دستور مؤکد صادر می شود که دوران میهمانی سپری شد، اینک به محض اطلاع دهید که در ظرف ۴۸ ساعت یا اسلحه خود را تحویل یا به روسیه معاودت نمایند. ضمناً نگفته نماند که ترکمن ها ورود خان جنید را مغتنم شمرده تحت عنوان دید و بازدید مرتب به دور او جمع میشدند و بر مقام و ریاست دینی و خانی، او را صاحب کشف و کرامات دانسته و عارف معنوی برایش قائل بودند. به همین مناسبت در همان ملاقاتهای اولیه مریدان فدایی از تراکمه ایران پیدا کرد که بعد همین مریدان معنوی نقش مهمی را  برای نجات خان از بلیات و عبور از سرتاسر خراسان بازی کردند.

## سومین زد و خورد جنیدخان و اغفال اردوی دولتی

اوایل اسفند ۱۳۰۷ سرهنگ حکیمی اردویی مرکب از سوار و پیاده و توپخانه که از گیلان و خراسان کمک گرفته بود، تشکیل داد و به طور پنهانی از دید کارون جنید به سوی نارلی داغ عزیمت می کند. پس از استقرار واحدها و محاصره اردوگاه دشمن، سحرگاهان روز یکشنبه پنجم اسفند ( رمضان ۴۷) ناگهان آتش توپخانه روی سراپرده خان و اوبه های اردوی دشمن، درست روی چادرها منفجر میشود. پیاده نظام توپخانه و مسلسل به جلو میروند. گرچه هوا تاریک و ماه شب دشت و دمن را روشن کرده فقط دقایقی که ماه زیر ابر می شود ظلمت همه جا را فرا میگیرد. پس از اجرای آتش آنی به پا ساخته بود از پشت تپه ها با شمشیرهای آخته به  طرف چادرها حمله میبرند.

هوا که روشن میشود. سرهنگ حکیمی با دوربین میدان کارزار را از نظر می گذراند و با کمال تعجب میبیند که سواره ها پیاده شده لگام به دست استران هستند. عجیب آیا تمام افراد دشمن نابود شده اند؟ در این حین افسر سواری به تاخت خود را بفرماندهی رسانده و می گوید تلفات دشمن جز چند بز گر وگاو و اشتر پا شکسته که بر اثر بمباران گلوله های مسلسل و پیاده نظام نابود شدندن، جنبنده ای در چادرها و سراپرده خان دیده نمیشود و این چادرها اغلب کاغذی و با چوب و علف سرپا نگاه داشته شده. یک زن جوان به چشم میخورد که با خنجر کشته شده وکسی به او آسیبی نرسانده ولی رد پای چهارپایان نشان می دهد که همان دیشب که اردو متوقف شده و خیلی هم مراقبت بودند تا خود اردو آگاه نشود با مهارت کامل بدون سروصدا به طرف کوهستان گوکلان یعنی منطقه خراسان رهسپار شده اند. سربازان پیاده ها، سواره ها را مسخره میکنند، سواره نظام توپچی هارا استهزا مینمایند که عالی تیر انداختید، کلهٔ جنیدخان را با گلوله از بدنش جدا کردید. سربازان مسلسل چی ها را شماتت میدهند که واقعاً تیراندازی شبانه شما خوب بود از چشم شتر زدید...

بیچاره سرهنگ حکیمی با لب و لوچه آویزان تلگرافی به لشکر خراسان می کند که بگیرید یارو را که حالا نوبت شماست و جریان را به مرکز گزارش میدهد. بر اثر این پیشآمد فرمانده پادگان منفصل ولی سرهنگ، حاجیعلی خان با یک سواران زبده نفرات هنگ لایموت مأموریت پیدا میکند که جنیدخان را در خاک خراسان هم تعقیب و با مأموران لشکر شرق اشتراک مساعی نمایند.

به قدری دایرهٔ اطلاعات خان جنید خوب کار میکرد که همه را مات و مبهوت ساخته بود. از ساعتی که سرهنگ حکیمی تصمیم به سرکوبی او میگیرد از تمام جریانات از گردان پیاده و سواره ای که از شرق و توپخانه هایی که از گیلان به گنبد آمده حتی از ساعت حرکت و توقفگاههای ستونهای اعزامی آگاه بود. ترکمن هایی که به دیدن او رفته بودند چنان مجذوبش شده که اینک جان نثارش میکنند. خط رجعت خود را قبلاً تعیین کرد. وسایل سنگین خود را پیشاپیش ولی شبانه دور از دید مأموران نظامی فرستاده اینک همه چیز مهیاست و اردوی خان باید حرکت کند

جنیدخان خاک ترکمن را وداع کرد و سربازان را به حال خود گذاشت و با سرعت عجیبی در لابلای کوههای سونگی داغی از دیده ها مخفی شد

خان جنید برای آخرین دفعه با یک گشتی هفت نفری سوار در نیازآباد برخورد کرده و پس از یک رزم شدید که افراد را سرگرم می کنند، تمام قافله و احشام خود را به آن طرف خاک افغانستان رسانده و سپس خود و چندین نفر همراهانش با جاگذاردن دو کشته و وارد ساختن سه چهار نفر تلفات و مجروح به گشتی استوار ایران پس از ۲۸۰ روز عملیات خاک ایران را ترک میکند. او به قدری عجیب بود که هنوز داستان جنید خان (غول صحرا) بین افسران و درجه داران آن زمان ورد زبان ها است. و بر اثر این عدم موفقیت عده ای از افسران تنبیه شدند. از جمله سرهنگی حبیب الله قادری سالها در همان درجه متوقف ماند.

## 8 -Jüneýt hanyň Owganystandaky durmuşy!

Jüneýt han onlarça atlylary we telim düýeli kerweni bilen Owganystana geçýär. Garaşylyşy ýaly, onuň yýzyna birnäçe müň Ýomut-Türkmen maşgalasy düşüp gidipdr, olar ony öz tire-taýpalarynyň hany, daýhanlaryň goragyna çykan hakyky han hasaplamaklaryny dowam etdirýärdiler.

Owganystanda Jüneýt hana Eýrandakydan başgaça garadylar, ýogsam bu ýurtda Türkmeniň sany azdy. Heratyň häkimi Abdulrehim, han Jüneýde Heratyň 25km günbatarynda ýerleşýän «Kefter han» obasynda mekan tutmaga rugsat berýär. Sowet hökümti Jüneýt hana howandarlyk eden owgan häkimiýetlerine aýgytly protest bildirýär, onuň güýçlerini owganystanyň has jümmşine/içerki ýerlerine çekmegini talap edýär, diýmek, Hanyň güýçleri ep-esli bolup, olar Sowet hökümetini howsala düşüripdir. Owgan hökümeti SSSR-iň basyşy esasynda Abdulrehim handan, hut olaryň-ruslaryň- bildirýän talabyny ýerine ýetirmegini isläpdir, Jüneýt hanyň özüni bolsa Kabula ýollamagyny sargapdyr. Ýöne Abdulrehim, arassa paýhasly adam bolansoň, öz başlyklarynyň hiç bir görkezmesini ýerine ýetirmändir, ol, daşary işler ministrligine: «Jüneýt han hiç hili kanun bozulmalara ýol bermdi» diýip, telegraf arkaly jogap beripdir.

Jüneýt han ýurtdan çykyp gaýdansoňam, Garagumdaky göreşler köşeşmändir. Gozgalaňçylar hökümet goşunlaryna garşylyk görkezmeklerni dowam etdiripdirler. Sowet häkimiýeti adam güýji, ýarag, tehnika bilen, diňe bir basmaçylaryň düşelgelerini däl, eýsem gozgalaňçylary goldaýan maldarlaryň goşlaryny-da bombolaýar. Uçarlarynyň agdyklyk etmegine garamazdan, Sowet hökümeti uzak wagtlap gozgalaňçylar hereketini basyp ýatyryp bilmeýär.

1929-njy ýylyň iýun aýynyň ortasynda serhediň aňyrsyndan gelen atlylar topary we ýurduň içindäky gozgalaňçylar hereketlerini ýaýbaňlandyryp ugraýarlar. Şol ýylyň 15-nji iýunynda Jüneýt hanyň ogly Eşi hanyň

ýolbaşçylygynda 700 ýigit Türkmenistanyň serehetinden geçip, Ak_rabat serhet postinyň üstüne hüjüm edýärler, ýöne söweşde köp ýitgilere sezewar bolup, yýza çekilýärler.

Belki-de, munuň özi atyşyk arkaly razudka/jasusi geçirmekdi, çünki, Eşi han soňra-da serhetden birnäçe gezek geçip, Türkmenistana çuň aralaşyp, tire-taýpa serdarlary, ýerli baýlar, ruhanylar bilen duşuşypdyr. 1931-nji ýylyň maý aýynda Eşi hanyň, Horzm ýaýlasynda, Garagumyň demirgazygyna, Daşhowuz etraplaryna gelip-gitmegi has ähemiýetlidir. Ol bu ýerde öz atasynyň tabşyrmagy bilen, ýerli gurbaşy Ahmat beg bilen duşuşyp, Jüneýt hanyň ygtyýary bilen ony han diýip yglan edýär.

Bu sapar Eşi hanyň soňky gelip- gidişi bolmaly. Ol şonda watandan ýüzden gowrak düýeden ybarat kerweni, sekiz sany arassa tohumly Türkmen atlaryny, her biri dört kilogram bolan 45 kümüş tokgasyny, iki halta kümüş şaýlary we pullary, köp mata- marlagy, halyny hem-de ýüze golaý dürli kysymly we sistmaly tüpeňi alyp gidýär.

Bolşewik, ÇK-istleri Jüneýt hany Owganystanda-da öz gününe goýmadylar, ony serhetden yýzyna geçmäge, Türkmenistana dolanmaga iterjk bolup, çyr-çytyr ýapyşdylar, olaryň makesady ýurda öwrülen badyna ony tutup, gozgalaňçylar hereketiniň görnükli liderinden belli-külli dyýnmakdy.

«ÇK-nyň agntlerinden, gelip- çykyşy ermeni bolan, özi-de soňra, 1937-nji ýylda Stalinyň gazabyna uçrap Fransiýada ýok edilen Georgi Sergeýewiç Agabekow, Türkmenlere garşy eden jenaýtlary, Enwer paşanyň ýok edilmgi bilen bagly we Türkmenistandan, Owganystana geçen bosgunlary yýzyna getirmek üçin eden işleri dogrusynda Parise sygnan mahaly ýazan ýatlamasynda[33] şeýle maglumat beripdir:

[33] Agabekowyň ýatlamalary. Lomaten gazetiniň neşrinden. Paris 1938

«Owganystana sygynan Türkmenleriň ýagdaýyny öwrenmek üçin Ami derýadan geçip, ýörite ilçi hökmünde Kabula bardym. Bu döwletde näçe müň Türküstanly bosgun maşgalasy, şol sandan müňlerçe hojalyk Türkmen bosguny ýerleşipdir. Türkmenleriň sany 30 müňden aşýardy. Men Türkmenler bilen duşuşyp, olary ýyzlaryna dolanmaga çagyryp, dolanyp baranlara bolsa hiç hili azar berilmejegi bilen ynandyrdym. Şol wagtyň özünde Türkmenistanyň «GPU»-synyň başlygy «Biliski»ä hat ýollap, gaýdyp baranlary oňat garşy almagyny tabşyrdym. Moskwa, Türkmen hanlarynyň dolanyp barmagyny islemeýärdi, sebäbi olaryň ýene-de gozgalaň turuzmagyndan howatyr edýärdi. Sowet hökümeti olaryň diňe ýok edilmgini makesat edinýärdi. Howanyň gowlaşmagy bilen bosgunlaryň ilkinji topary Amy derýadan aşyp, Türkmenistana barýar. Emma Biliski namartlyk edip, öwrülip baranlary rehimsizlik bilen tutup, mal-garalaryny alýar. Bosgunlar ýene Owganystana dolanyp, gelen batlaryna bolsa: — Asla ruslara ynanmaň adamlar-diýp jar çekýärler... meniň misýam bolsa şowsyz tmamlandy. »



Georges Agabekov (original family name Arutyunov;[1] Russian: Георгий Сергéевич Агабеков, transliteration Grigoriĭ Sergeevich Agabekov) (1896–1937) was a Soviet Red Army soldier, Chekist, OGPU agent, and Chief of OGPU Eastern Section (1928–1929). He was the first senior OGPU officer to defect to the West (1930); his revelatory books led to massive arrests of Soviet intelligence assets across the Near East and Central Asia. Murdered by NKVD assasins in 1937.

1932-nji ýylyň ýanwarynda «GPU» Owganystana ozal Jüneýt hanyň egindeşi we ynamdar adamy bolan birini hakyna tutma agent /jasus edip iberýär. Oňa Jüneýt hanyň we onuň golaýyndaky adamlaryň niýet-maksatlaryny bilmek bilen hem kanagatlanman olary Türkmenistanda hökümte garşy çykyşlaryň bişişýändigine, olaryň hereket edýän anti-Sowet gozgalaňçylar guramasy tarapyndan taýýarlanandygyna, guramanyň hökümtiň ähli şahalarynda, şol sanda milisiýalarda-da/polis, sowhozlarda-da daýhanlarda, edaralarda-da öz adamlarynyň bardygyny, ykrar edilen serdaryň- Jüneýt hanyň- ilkinji çagyryşy boýunça Sowetlere garşy çykyş etmäge taýýardyklaryny ynandyrmagy-da tabşyrdylar.

Hamala, häzir gozgalaň götermek isleýänlere tire-taýpa serdarlary we ruhanylar ýolbaşçylyk etmäge taýýarmiş, ýöne olara diňe Jüneýt han ýaly has at-abraýly şahsyýetiň baştutanlyk etmegi gerekmiş, onuň üçin-de ony öz gözleri bilen göresleri gelýärmiş, goý, ol Türkmenistana gaýdyp gelip, bu mukaddes işe ýolbaşçylyk etsin.

Bu prowokasiýon pyrryldagy öňe sürýänler, Jüneýt han özleriniň toslan «rowaýatyna» ynanyp, duran ýerinden Türkmenistana eňer öýdüp, umyýt edendirler. Ýöne han, hile çeňňege düşmändir, ýa ol öz ozalky pikirdeşine ynanmandyr ýa-da ýaşynyň soňunda ata çykyp, ýaraga ýapyşmak islemändir, bu oňa ýeňilem düşmezdi.

GPU-nyň, ýüzüne gozgalaňçylar hereketiniň missarynyň/ilçisiniň/ perdesini geçip giden agenti Owganystandan gaýdyp gelenden soň, Jüneýt hanyň jogabyny aýdyp beripdir:

> «Şunça islesem-de, men gozgalarňçylara ýaragly kömek edip bilmerin. Özüm-a garradym, öýden çykman otyryn. Oglum/Eşi hany göz öňünde tutýar—bolsa söwda bilen meşgullanýar. Meniň özüm bu ýerde hiç hili häkimlige eýe däl, başga döwletleriň işine goşulmak islämok. Men bir el_garama adam, bu ýeriň häkimiýetleriniň erkine boýun synýan. Bu işe /gürrüň Jüneýt hanyň Türkmenistana baryp, ÇK-istleriň toslan hereketine ýolbaşçylyk etmegi hakynda/ ýapyşmaga mende güýç-kuwat, mümkinçilik ýok, bu işe men baş urman...»

Jüneýt hanyň we oglunyň öz gün-güzeranlaryna ulaşmaklary bilen Türkmenistanda gozgalaňçylar hereketi togtamady. Ol täze güýç bilen tutaşdy. Onuň hatarlaryna totalitar rejim bilen mäşi bişişmedik täze göreşijiler gelýärdi, ol rejim bolsa hilegärlik bilen başgaça pikirlenmäniň köklerin köwýärdi, oppozisýany basyp ýatyrýardy, oňa Sowet häkimiýetine garşy söweş yglan etmek üçin guramaçylykly işleri alyp barmaga mümekinçilik bermeýärdi.

Owganystana geçen wagtlarynda Jüneýt han 66 ýaşynda eken. Ýerli häkimiýetler han we onuň ýanyndakylary Owganistanyň watandaşlygyna

kabul edip, 1936- nji ýylyň 27- nji aprelinde /7 sur 1315- de olara watandaşlyk dokumentini gowşyrýarlar.



نمره ۱۷۲ ۷ ثور ۱۳۱۵

نمره (۲۰۳۲) قیمت یک افغان

تعرفة تابعیت دولت علیة مستقلة افغانستان

هویت

اسم وشهرت: خان جنید خان

نام پدر: حاجی بای

عمر: ۷۵

مسکن: قریه ده منار بلوک ...

قوم: تراکمه

صنعت وخدمت: ....

قد: میانه...

رنگ چشم: ....

رنگ: گندمی

موی: سفید

علامت فارقه: پیشانی...

سایت نسب‌شناسی طوایف ترکمن

www.AtaTurkmen.Com

با تشکر از: بای‌محمد قلیچی

شناسنامه خان جنید

**Owganystanda Jüneýt hana berilen watandaşlyk dokumenti**

## 9 -Jüneýt han we Eziz han; rowaýatlar!




Jüneýt han bilen baglanyşykly il arasynda köp gürrüňler hem ýatlamalar saklanyp galypdyr. Ynha ,olardan biri:

Halk arasyndaky gürrüňe göra, Owganystanda ýören wagty Eziz han, Türküstandaky Tezarizime garşy gozgalaňçylyk hereketiniň ýolbaşçysy Jüneýt han bilen ilkinji gezek duşuşypdyr. Jüneýt han hem Owganystanda Eziz han ýaly rus patyşasynyň gullukçylarynyň ýýzarlamagyndan gizlenip ýören eken.

Eziz hakda ozalam köp eşidip ýören Jüneýt han ony ilkinji gezek görende, oňa göwnündäkini ýaňzydyp şeýle diýenmiş: «Serdar, seniň nähili gowy ýaragyň bar eken! donuňam gowy eken! Telpegiň hasam ajap eken!» Eziz han onuň näme diýjek bolýanyna düşünipdir, ýöne sesini çykarmandyr. Soňky gezek duşuşanlarynda Tejenli serdar- Eziz han- Jüneýt hanyň ýanyna sowgatly gelipdir. Ol özüniň iňlis mauzerini hem kazak karabinini, tüpeňini hem gysganmandyr, egnindäky a:gar çäkmenini hem gysganmandyr. Hywa hany hem bergidar bolup galmandyr. Ol hem Eziz hana kümüş uýanly ýomut atyny beripdir. «Telpegiňi dözmediň öýdýän? — diýip, Jüneýt han müýnsürän bolanmyş—ýa-da düşünmediňmi? Telpegiň maňa beýleki zatlaryňdan has gowy ýaraýardy»— «Telpek özümiňki, han aga» — diýip, Eziz han gaba telpegini maňlaýyna süýşürip jogap berenmiş. — «Ol meniň kellämiň bezegi, telpegimi bersem, ertir sen

meniň kellämi dilärsiň. Kellämi bolsa diňe telpegim bilen bile alyp bilersiň...»

Jüneýt han çyparrak murtunyň astyndan çalaja gülümsiränmiş: «Bu Tejenli serdar bilen oýun eder ýaly däl. Ol synagdan kemsiz geçdi.» diýenmiş.

Ýene-de aýtmaklaryna göra meşhur «Çuwal bagşy» lakamly Magtymguly Garly, hanyň halan bagşysy bolupdyr. Jüneýt han, bagşyny mydama goldap gelipdir. Eýrana aşmakçy bolanda ony özi bilen alyp gitmegi ýüregine düwüpdir, ýöne käbir sebäplere göra bu iş amala aşmandyr.



**sagdan: bagşy Magtymguly Garly we onuň gyjakçysy Sapar Beki**

Ylkinji Türkmen puluny çykaran hem Jüneýt han bolupdyr. Hywadan Türkmensaheranyň hazar ýaka Omçaly obasyna sygnan meseur ruhany Yşan Piri bilen 1982-nji ýylda gürrüňdeş bolamda, Jüneýt hanyň ýüpk mata basylan ýörite pulunyň bardygyny aýtdy.

## 10 -Jüneýt hanyň aradan çykmagy, eden soňki wesýeti


جنید خان

هراتدان بیزگه جنید خان‌نك وفاتی خبرینی بیلدیردیله‌ر. بو، یالغز
تورکستانلیلار آراسندا معروف بولوب‌غنا قالمای، تورکستان چیگه‌ره‌سی
تیشندادا تا لای‌یرله‌رگه داڭغی کیتکه‌ن بر اسمدر. تورکستان قوزغالانچید
لاری ایچنده مرحوم جنید خان‌نك ممتاز بر اورنی بار. یازیق، که بو کون

**«Ýaş Türküstan» jurnaly. iýul-awgust.1937 ý, 92-93 san.**

«Heratdan bizge Jüneýt hanyň wefaty habaryny bildirdiler. Bu, ýalňyz Türküstanlylar arasynda meşhur bolup galman, Türküstanyň çäklerinden has uzak ýerlere giden bir atdyr. Türküstan gozgalaňçylarynyň arasynda merhum Jüneýt hanyň ýörite orny bar. »

Her bir Türkmen, aýratynam, ýaşynyň soňunda, öz nesibesiniň ata-babalarynyň jaýlanan topragyna çekmegini arzuwlaýar. Ol dünýäden ötmezinden öň depesinde öz ýurdunyň asmanyny görse, mäheriban ojagynyň tüssesiniň ysyny alsa, razy bolup gidýär. Eger ykbalyň oýny Türkmeni keseki topraga düşürse, bu küýsege hasam arzyly bolýar, onuň amala aşmagy üçin ol dünýä malyndan geçmäge taýýar. Jüneýt hanyň başyndan hem şeýle kysmat inipdi. Gürrüň berişlerine göra, ol ölüm ýassyganda ýatyrka, ogullaryna şeýle wesýet edipdir:

—Meni dogduk obamyzyň ýanyndaky keramatly Ysmamyt atanyň jaýlanan gonamçylygynda ýerläň. Munuň ýeňil düşmejegini bilýän ... ýöne munuň üçin meniň jesedimiň agramyna barabar gyzyl bermeli bolsa-da, gysganmaň, beriň... bolşewikler meni ene topragymyzda jaýlamaga rugsat berseler bolýar. Razylaşmasalar, meniň jesedimi Amy drýa atyp goýberiň... hatda meniň bedenimi ýowan suw dogduk

kenarlarymyza çaýkansa-da razy bolaryn, o dünýäde rahat ýataryn.

Ýazyjy Rahym Esenowyň «azatlyk» radiýosyna beren maglumatyna göra Jüneýt hanyň jesedi gizlinlikde Daşhowuzua aşyrylip, «Yzmykşir han» gonumçylygynda jaýlanypdyr. (Azatlyk radýosy; Jüneýt hana bagyşlanan «Bir Türkmen, bir ykbal gepleşigi»)



Eşi han

Mälim bolşuna göra Jüneýt hanyň uly ogly Eşi hanyň; Taýça, Älem, serdar we Söwer diýen ogullary bolupdyr. Olardan Taýça soňra Eýrana geçip, şol ýurtda hem aradan çykypdyr. Taýçadan 4 ogul galypdyr. Älem bilen söwer Heratda galypdyrlar.

## 11 -Jüneýt hanyň göreşiniň täsiri dowam edýär;

Türkmenistandaky göreşleriň möwç almagy we ganly öç alyşlar



1929-njy ýylda mejbury geçirilýän uçdantutma kollektiwizýasynyň başlanmagy bilen ýene-de ýaraga ýapyşanlaryň sany köpelýär. Öňki basmaçy toparlarynyň üstüne täze toparlar goşulýar. Mysal üçin, diňe bir Daşhowuz etrabynda Şaltaý batyryň (könürgnç, ýylanly, Goňrat etraplarynda), Ahmat begiň, Ýazan Öküziň (ikisi hem Tagtada), Oraz balanyň (Ýylanly da) toparlary bilen bir hatarda Gully balanyň (Könürgnç, Ýylanly, Goňrat da), Ýagmyr Hojanyň(Könürgnç de), Balta Şyhyň (Daşhowuz, Ýylanly özbekleriniň topary), Goňurbaý Gojanowyň (Goňrat, Ýylanly özbekleriniň topary), Gylyç baý Jumamyradowyň we Mädýär balaň (Könürgnç, Goňrat, Hoja ili Türkmenleriniň we Garagalpaklaryň garyşyk toparlary peýda boldy.

Basmaçy toparlarynyň uly birikmesine indi Şaltaý batyr baştutanlyk edýärdi[34]. Asla, il arasynda aýdylşyna göra, Jüneýt han serhetden geçjek bolanda «gara kelläni togalaýmasalar atdan düşmerin» diýip Şaltaý batyr kasam edipdir. Şonuň üçinem onuň goşunyna beýleki ýerlerdäky basmaçy toparlarynyň wekilleri-de gelip gidär eken. Şaltaý batyr Kerki töwereginde

[34] Şaltaý batyr 1929-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Gökleňleriň obasyndaky atyşykda ýaralanyp soňra şol ýaradan aradan çykypdyr.

hereket edýän basmaçylaryň serdary Gylyç mergen arkaly Jüneýt han bilenem aragatnaşyk saklaýanmyş.

1929-njy ýylyň 5-7-nji maý aralygynda Owganystanyň Herat şäherinde «baç sakaw«nyň, Jüneýt hanyň, ozalky Buhara emiri seýid Alym hanyň hem-de iňlis ofisereleriniň gatnaşmagynda maslahat bolup geçýär. Maslahatda Sowet hökümtine garşy göreşýän basmaçylara kömek bermek üçin 3 sany topar döredilýär. Şolaryň ikisi Türkmenistana, ýagny Çärjewli Döwlet serdaryň 75 atlysy Kerki-Çärjew, Eşi hanyň, Mämet_aly hanyň 130 atlysy ilki Tejen, soňra Daşhowuza iberilýär. Soňky ýyllarda hem Eşi hanyň, Kerim hanyň (Bluçlaryň topary), Eýrandan/Türkmensähradan/ Durdy_Gylyç hanyň (Jüneýt hanyň ozalky serdarlaryndan)[35], Halmyrat Gürgenliniň we beýlekileriň toparlary birnäçe gezek serhetden geçip tabşyrygy berjaý edipdirler.

Şaltaý batyr ölensoň basmaçylara Ahmat beg ýolbaşçylyk edýär. Yndi taýpa-tire alamatlary ýa-da milleti buýonça däl-de, territoriýasy/ýaşaýan ýerleri/ boýunça birleşen uly basmaçy toparlary emele gelýär. 1931-nji ýylda Türkmenistanda şeýle territoriýal birleşmeleriň 3-si, ýagny Tejen, Gazanjyk-Krasnowodsk/şagadam/, Daşhowuz toparlary bardy. Olar öz aralarynda Garagumyň merkezi guýulary arkaly aragatnaşyk saklaýardy. Basmaçylaryň Tejen toparynda Bäherdenli Myratly hanyň, Orazgeldiniň, Gazanjyk-Krasnowodsk toparynda Garahan Çagylyň, Tagan_gylyç Mämmediň, Daşhowuz toparynda Ýazan öküziň, Durdy mollanyň, Annajan balanyň we beýleki serdarlaryň atlylary raýon merkezlerine, obalara dökülip dürli Sowet edaralaryny otlaýardylar, kolhozlaryň malyny sürüp, «kapyrlardan» öç alýardylar. Çarwa ilatyň arasynda ýykgynçylyk hasam güýçli bolupdyr. Çarwadan partiýa, Sowet, komsomol/ýaş komunistler/ işgärleriniň, aktiwistleriniň ýüzlerçesi basmaçylar tarapyndan öldürildi. Kä ýerlerde bolsa basmaçylar halys gorkusyz hereket edipdirler. Mysal üçin, öz basmaçy

[35] Eýrana, gökleňleriň arasyna geçen Durdygylyç hanyň soňky ykbaly hakynda serediň goşmaça bölüme.

hökümtini döredip, Tejen etraplaryny soran Orazgeldiniň golaýyndan geçip bilen bolmandyr.



**Garagumdaky harby operatsiýalara gatnaşdyrylan Türkmenlerden bir bölegi**

Türkmenistanyň kommunist (bolşewik)partiýasynyň merkezi komiteti we Türkmenistan SSR halk komissarlar şurasy Garaguma, ýagny basmaçylara garşy harby-syýasy ekespedisiýa, jezaberiji topar ibermegi hakda karar kabul edýär. Düzüminde partiýanyň biriniji sekretary Ý.A. Popok, TSSR halk komissarlar şurasynyň başlygy Gaýgysyz Atabaýew, Orta Aziýa harby okrogynyň komandiri N.Dbnekow bolan, merkezi opratiw/emeliýat toparyň karargähi dördilýär. Karargäh, eýýam 5000-e golaý atlyny özünde jemleýän basmaçy toparyny gyryp, soňuna çykmagyň planyny düzdi.



Türkmenistanyň komunist partiýasynyň 1. sekretary
Ýakup. Abramowiç. Popok

1931-nji ýylyň sentýaber aýynyň başynda Garagumda ýene-de uruş başlandy. Gyzyl goşun bölümleri bir wagtyň özünde Krasnowodskiden, Gyzyl_arbat, Tejen, Mary, Hywa we Daşhowuzdan basmaçylara garşy hüjüme geçýärler. «8-nji aýratyn Türkmen atly berigadasy» nyň, beýleki goşun bölümleriniň esgeri harby uçarlaryň kömegi bilen bary-ýogy 10 günüň içinde basmaçy toparlaryny derbi-dagyn edýärler. Öňde-soňda bolmadyk gyrgynçylyk bolýar. Basmaçylar-a basmaçylar, ýöne olary penalan hökmünde Gumly obalara-da gan ýuwtdyrylýar. Şeýle keç ykbally obalardan «Dele baba» bilen «Kelete Goňur»y alyp göreiliň.

## «Dele» (Gazanjyk) ýomutlarynyň gyrgynçylygy (14 septamber 1931)



**Rus Bolşewik generaly**
**Semýon M. Budýonni**

“Delenyň içinden geçýän çaýdan akan gan üç günläp guramadyr, Delede heläk bolanlar 1-2 müňden köp bolmasa, az bolmaly däl.”

(Bir ýaşulynyň ýatlamasyndan)

*“Arslan kimin hanjar aldy eneler,*
*Gana teşne kapyrlary gyrdylar,*
*Däne-däne hünji ýaly düzülip,*
*Odly oka päk göwsüni gerdiler.”*

(Türkmensäheraly şahir Baý.M. Çendirli)

Dele—bu Garagum jünbüşinde ýerleşýän Türkmen obasy, ol häzirky Balkan welaýatynyň çäginde, Gazanjyk etrabyndan çen bilen 250 km demirkazykda ýerleşýär.

Dele gyrkynçylygy barada ozalky Sowet zamanynda-da, häzirky garaşsyzlyk ýyllarynda hem onçakly anyk maglumatlar ýok. Dele tragediýasy, gyrgynçylygy diňe halkyň öz hakydasynda ýaşýar.

1989- njy ýylda Balkan welýatynyň ýerli gazetinda Dele gyrgynçylygy hakynda iki sahypadan ybart maglumat berildi. Bu makalelar toplumynda ilatyň dürli obalarynda ýaşaýan adamlar bu waka barada gören-eşiden maglumatlaryny beýan edipdirler. Elbetde, halkyň taryhyna gan bilen ýazylan tragediýany doly anyklamak üçin bu gazet matriallary ýeterlik däldir. Ýöne, gyýnansak-da, şondan soň ne resmi maglumat merkezinde, ne-de köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýeke bir Dele gyrgynçylygy däl, eýsem “Pol hatun”, “Kelete Goňur” gyrgynçylyklary barada hem kelam agyz gürrüň agzalmady.

Stalin tarapyndan grajdanlik urşunyň gahrmany diýen ada eýe bolan general “Semýon Mihailowiç Budýonni” ýörite buýruk bilen Türkmenistana iberilýär. Staliniň buýrugynda “ol ýerdäky basmaçylary doly ýok etmek diýen görkezme” bolupdyr. Ozal Gyzyl goşunyň ofiserleri “Kubişew” we “Frunze” bilen bütin Türkmen topragyny gana çaýkan Budýonni, Aşgabatdaky Gizil goşun birliklerine-de ýolbaşçylyk edipdir we Türkmenistanyň ýolbaşçylary Atabaýewyň we Aýtakowyň maksat edinýän milli respublikany döretmek ugrundaky tagallalaryna böwet döredip gelipdir. Yndi bolsa bu jellat ofisere täze wezipe tabşyrlypdyr. Ol bolsa Dele ýomutlaryny gyrmak.

“Uzboý“yň demirgazygynda ýerleşýän Dele obasyndaky gyrgynçylyk 1931-nji ýylyň 14-nji sentýaberinde ir säher bilen başlanyar. Delede, bolşewikleryň uly gyrgynçylyk etjekdigi öňünden bilinýär we bu töwerekde ýerleşýän dört sany obaň adamlary bu ýere ýygnanýar. Çünky bu ýerde 1000- den gowrak adamy azyk- suwluk bilen üpjin etmäge mümkinçilik bardy. Dele obasyna ýygnan halk, edil Gökdepe galasyndaky waka ýaly, iki tarapyny diňläp, ajal bilen ýüzbe-ýüz bolmalydygyna göz ýetirip ýygnanypdyrlar.

Bolşewikleryň soňky resmi maglumatlarynda Deledäky köpçülikleýin gyrgynyň esasy sebäby, bu wakadan iki aý ozal Gazanjygyň gyrasynda Gökdepe, “Goýmat” sebitlerinde Gyzyl goşunyň uly otrýadynyň /toparynyň

basmaçylar tarapyndan derbi-dagyn edilmegi diýilip görkeziliýär. Dogurdanam, 1931-nji ýylyň ortalarynda, Daşkentden getirlen ýörite içeri işler gullugynyň toparynyň Garagumyň günbatar künjünde derbi-dagyn edilenligi aýdylýar. Şol Daşkentden getirlen toparyň aryny almak üçin, Sowet häkimiýeti öz gününi zordan dolap oturan Dele obasyna bütin bir atly goşun bölümini sürýär.

Şol gün ýagny 1931-nji ýylyň 14- nji sentýaberi diýseň yssy gün bolupdyr. Obanyň ortarasyndaky guýynyň başyna jemlenen mergen ýigitler, Gyzyl goşunyň hüjümini günortana çenli serpikdirmegiň hötdäsinden gelýäler. Emama, öýläne golaý, gün gyzyp, ýetjek derejesine ýetip, adamlar agzy ýapylan guýlary açyp suw almaga mejbur bolaýarlar, ine, şol porsatda Gyzyllar (bolşewikler) hem ýerden, hem howadan biçäre admlaryň üstüne rehimsiz hüjüme geçýärler. Ýokardan aýlanyp duran aýroplandan polýumut / moselsel bilen ýerdäkileri oka tutýarlar. Anyklanmadyk maglumatlara göra, birgünde bu ýerde bir muňden iki müňe çenli adam gyrylypdyr diýlip çak edilýär. Dele gyrgynçylygyna gatnaşanlar bolsa «Deläniň içinden geçýän çaýdan akan gan üç günläp guramadyr» diýip, ýatlapdyrlar. Diýmek, Delede heläk bolanlar aýdylşyndan1-2 müňden köp bolmasa, az bolmaly däl.

14-nji sentýaberdäki gyrgynçylykda gyrylan gyrylýar, gyrgyndan diri galanlar daş-töwerege gaçýar. Ýerli halk ençeme günläp Gumuň içinde içmäge suw tapman, horlanyp, gizlenip gezýär. Delede we golýdaky ilat görünýän ýerlerde, diri galanlary aňtap, aýroplan we Gyzyl goşunyň esgerleri iki günläp aýlanypdyrlar.

Sowet Soýuzy döwründe Dele, Kelete Gouňur wakalary barada hiç zat aýdylmanlygy, aslynda aýdylmajakdygy köre hasa! Ýöne, Türkmenistanyň garaşsyzlyga çykandan soňam bu gyrgynçylyklar barada anyk taryhy maglumatlaryň halka aýdylmanlygy diýseň gynandyryjy. Çünki, obalardyr, etraplarda bu wakany gören-bilen adamlaryň heniz dirikä ýatlamalaryny köpçülige ýetirmek, taryh üçin ýazyp alyp galmak zerurdyr. Ýogsam bolmanda, halk içinde aýdylýan gürrüňlere görä, Deledäki we Kelete Goňurdaky Gyzyl goşunyň howadan hüjüm eden aýroplanlarynyň ikisi hem ýerli söweşjeňler tarapyndan urulyp gaçyrlypdyr. Delede ulanylan uçar 1934-

njy ýylda, häzirki Ahal welýatynyň Bäherden etrabynyň Kelete obasynyň deňinde, günorta tarapda daglyk jülgede bäş atarlaryň kömegi bilen urlup ýykylypdyr. Beýleki, Kelete Goňurda ulanylan uçar hem, Duşak demir ýol duralgasynyň ilersindäki daglyk jülgäniň başlanýan belentliklerinde ýerli mergenler tarapyndan urlup gaçyrylypdyr. Aýdyşlaryna görä, bu harby uçarlaryň ikisiniň hem parçalaryny tapmak häzir mümkin. Ýerli ylatyň içinde olaryň häzirki çaşyp ýatan ýerini bilýänler hem bar.

Şo döwürde bolşewik genraly Budýonni-nyň buýrugy bilen Deläniň hem Kelete Goňruň üstünde ýerli ilatyň garşysyna ulanylan ajal ýaragy bolan harby uçarlaryň urlup ýykylmagy, nähak dökülen ganyň ýerde ýatmýanlygyny ýene bir gezek subut edýär. Ötüp-geçenleriň aýdyşy ýaly, nähak gan döküp, adalatsyzlyk edip, onuň jezasyndan sypjak adam ýok. Ýöne, adamlaryň öz elindäki mümkinçiligini, taryhy wakalar, onda-da halkyň taryhyna gan bilen ýazylan wakalar hakda hakykatdan doly aýdylmagyny isleýärsiň.

1930-nji ýyllarda Staliniň jellatlaryndan gaçyp, Türkmensähra sygnan Türkmenistanyň göreşjeň ogly, mgarifçy Orazmuhammet Wepaýew-de Dele gyrgynçylygy hakynda (Araz ibn wefa lakamy bilen) uly göwrürmli bir goşgy goşupdyr. Edebiýatçy alym merhum Nurmuhammet Aşurpuryň beren maglumatyna görä “molla Jäjik” lakamy bilen tanylan Wefaýewiň bu goşgusyny Türkmensähraly bagşylar aýdym edip aýdypdyrlar. Bu goşgy 90-nji ýylda Aşgabatda çap bolan “Ýaşlyk” jurnalynda hem neşir edilipdir şondan käbir setirler:

“Köp ýigit kaza bolup, agla[36], şehitdir ol ölen,
Topulup algyr kimin ol Hakmyratyr at salan
Hajy_Aarazdyr saňa ýoldaş, at salyp kapyr ýykan
Şeýle ýoldaşlar bilen hem bolsun Alla ýaryňyz.

Ol Çagyl atly guýy doldy şehitler ganyna
Külli ynsan eňreşip, ýygnaldy “Duňra” ýanyna
Atylan gülleleriň hiç kim ýetişmez sanyna

[36] Agla: uly, belent mertebeli اعلا

Balasyndan aýrylanlar, bolsun Alla ýaryňyz.

Bomba patlap, çaň tutup, gopdy beýik bir zelzele
Maýa- köşek bozlaşyp, asmana çykdy welwele
Mäleşip owlak-guzy arşa ýetendir gulgula
Toplara göwsün gerenler, bolsun Alla ýaryňyz.

.............

Balasyndan aýrylan aglar, Araz ibn wefa[37]
"Milletim" diýp dalaşyp men, çekmişem jeber u jefa
Ol Watandan aýra düşdüm, görmedim zowk u safa
Eý musulman Türkmen ähli, bolsun Alla ýaryňyz."

****

## Kelete Goňur gyrgynçylygy[38]

«Ýerbent»den Tejen tarapda-takmynan 100 km-likde ýerleşen Kelete Goňurdaky gyrgynçylykda 56 adam şehit bolupdyr. Häzir şolardan 50-siniň atlary anyklanldy. Yne olar: Aga_geldi, Agaly, Amansähet, Hawa, Alty, Goşa, Ata Höwez we onuň aýaly Annagözl, Ata şarak we ogly Seýidnepes, Ataçal we ogullary Jepbar bilen söýeg, Pirli, Höwli, Ataberdi, Durdy we ogullary Narly bilen Gul, Esenaman, Nazarmyrat, Gurt, Taý, Oraz, Begli, Geldimyrat, Wepa, Welleň, Har, Welbeg we ogly Gapbar, Garly uzyn, Gara, Baýram, Geldi han, Gurt, Güýç seýid_Nepes, Daňatar Gurt, Kiçik gul we ogly Nurmämmet, Mämmet baba, seýitli, Annadurdy, Tapyl oba, Oraz, ata, Ors gulak, Osman molla, Hummat, Çary, Hydyr, Eýeberdi, Ýagdy guýonjy, Ýagdy tapyl, Ýazmyrat Esenaman we onuň inisi Sopy.»

1931-nji ýylda Garagumda gopan kyýamatdan soňam basmaçylar doly «amana gelmedi.» Eýýam 1932-nji ýylyň ahyrlarynda Türkmenistanda hersinde ortaça 20-25 atlysy bolan 28 sany «basmaçy» toparlary hereket

[37] Wepaýew Türkmensähra geçende aýaly hem çagalary Türkmenistanda galypdylar.
[38] «Ýaş kommunist» gazeti. 12.12.1991, «Kelete goňur» gyrgynçylygy makalasy.

edýärdi. 1933-nji ýylyň ortalaryna çenli olaram dargadyldy. Ýöne şonda-da iň soňky basmaça çenli «gyryp gutarmaklyk» bolşewiklere başartmady. Olaryň käbir galanlary soň-soňlaram tä 1935—1936-njy ýyllara çenli göreşi dowam etdirdiler. Çünki, halkyň bir bölginde «kapyrlaryň» zulum zynjyryny gyrmaga, erkin howadan dem almaga ymtylyşy çakesiz güýçlüdi.

******

## «Türkmen azatlygy» guramasy;
## 1937—1938- nji ýyllardaky gyrgynçylyklar!
## Gyrgynçylyklara bahana toslanýar.....!



**Stalin NKWD-iň başlygy N.Y. Ýejow bilen;**
**ÇK, GPU, NKWD-niň 20 ýyllygy. 20. dekaber 1937**
**(Ensiklopediýa of SSSR and the Sowet Union. Camberidge)**

1937-nji ýylyň tomsy...her maşgalanyň içinde «halk duşmanlary» gözlenýärdi. Olaryň täze-täze toparlarynyň «üsti açylýardy.» Adam köplenç gijelerine «awlanyp», mazaly owulyp-döwülenden soň görkzme sud/mähkeme edilýärdi. Sud 4-5 minutdan uzaga çekmezdi. Ýenjilip janyndan bizar edilen biçärä birnäçe sorag berilýar: «Sen iňlisleriň içalysymy ýa bolmasa Trotskiniň tarapdarymy» ... «howa» diýse bolany, öňünden taýýar edilen karar mälim ediler: atmaly ýa-da 10-15 ýyl tussag etmeli.

